# TÜRKMEN DILINDE
# OKUMA-ANLAMA-II TEKSTLERİ

## 1-nji hepde üçin tekstler

### SPORTSÖÝER

Küren dagyny alkymlap oturan Bereket etrabynyň dört sany obasy bardy. Olaryň ikisi dagyň baýyrlygynda, beýlekileri demir ýolunyň gaýra tarapynda, ýapgyt meýdançada ýerleşipdi.
Ýagyş ýaganda topraga siňmäge ýetişmedik suwlar baýyrlykdan aşaklygyna gaýdyp, akaba şahalaryny emele getirýärdi. Ýagyş köp ýaganda onuň suwlary demir ýolundaky demir-beton köpriniň aşagynda bina edilen akaba bilen güzeý tarapa akyp gidýärdi. Her-nä heniz bu güne deňeç ondan zyýan çeken hojalyk we edara-kärhana ýokdy.
Geçen asyryň altmyşynjy ýyllarynda ýurdumyzda sagdynlyk we sersaglyk ýörelgesi yglan edilipdi we sagdyn durmuş ýörelgesine, sporta üns güýçlendirilip başlanypdy. Türkmen milli göreşine, sportuň woleýbol, basketbol görnüşlerine, aýratynam, futbola höwesek ýaşlaryň sany artyp başlapdy. Etrapda ýöriteleşdirilen sport meýdançasynyň ýokdugy, sport boýunça durmuşa geçirilýän çäreleriň ygtybarly maksada okgunly öňe gitmegine bökdençlik döredýärdi.
Bahar paslynyň dowam edýän günleriň birinde dagetek obanyň ekabyr oglanlary sportuň futbol görnüşi boýunça meýdança döretmegi karar etdiler. Şonda jemagat halk bähbitli işi ikelläp goldapdy we degişli ýardamlary beripdi.. Ýöne işler ýaňy ugrugyp başlanda saýlanyp alnan ýer böleginiň çagalar bagy üçin niýetlenenip goýulandygy mälim bolupdy.
Ýaşlar şonda-da ruhdan düşmediler. Olar täzeden haşar gurap obanyň günbatar çetinde, adaty futbol meýdançasyny gurmagy karar etdiler...
Etrabyň ýolbaşçylary olary goldap sport meýdançasyny gurmak üçin ýer bölegini berdiler. Meýletinçileriň işine dürli ýaşly adamlar we edara-kärhanalaryň işgärleri gatnaşyp işjeň ýardam berdiler.
Şeýlelik bilen bahar paslynyň ikinji aýynda etrabyň dagetek obasynda ilkinji sport meýdançasy we futbol topary peýda boldy. Bu ajaýyp sport wakasy ynsanyň ilkinji gezek arşa çykan güni bilen gabatlaşypdy. Şonuň üçin futbol toparyny “ Wostok” diýip atlandyrmak karar edilipdi.
Bereket etrabynyň “Wostok” futbol topary saýlama oýunçylardan düzülipdi. Bu bolsa onuň bäsleşiklerde yzly-yzyna üstünlik gazanmagyna ýol açypdy.
...1968-1969-njy ýyllaryň gyş pasly örän aňzakly boldy. Ýere düşen küti gar ýaşaýyşda-durmuşda heniz garaşylmadyk kynçylyklary döredipdi.

- Könelerimiz şunuň ýaly sowuk gyş sebitde asyrda bir gezek gaýtalanýar-- diýip, Derýa aga—obamyzyň hormatlanýan ýaşulusy bize gürrüň beripdi.

Bahar paslynyň günleri häli-şindi üýtgäp durýar we bir-birine çalymdaş bolmaýarlar.
Ýekşenbe güni ir säher bilen asmanyň ýüzüni gara bulutlar gaplapdy. Gök güpürdäp ýyldyrym çakanda, daş-döwerek ýagtylanyp gidýärdi. Ýagyş ilkibada çisňese-de, soňabaka bedreden guýulýana döndi. Kürendag tarapyndan täsin sesler gelip başlapdy. Ilat nämäniň-nämedigine heniz düşünmänkä baýyrlykdan dyňzap inen sil suwy ýüzugruna ähli zady öz girdabyna alypdy. Şol gün etrapda haşar edilip gurulan ýeke-täk futbol meýdançasy hem tekiz meýdança öwrülipdi. Ýene-de täze futbol meýdançasyny gurmak zerurlygy ýüze çykdy. Munuň üçin etrabyň ýolbaşçylaryna sala salyndy. Şonda sportsöýerler we türgenler üçin has amatly bolsun diýlip, etrap merkezindäki boş meýdança saýlanyp alyndy. Tiz wagt içinde etrabyň edara-kärhanalarynyň ýolbaşçylarynyň, ýaşlarynyň, ýaşulularynyň birleşen tagallalary netijesinde täze futbol meýdançasy peýda boldy. Onuň degre--daşyny germawlamagy Bereket etrabynyň suw hojalyk kärhanasy öz üstüne aldy. Etrapda bu işe goşant goşmadyk edara-kärhana ýok diýen ýalydyr. Şeýlelikde ýaraşykly sport meýdançasy köpleriň gelim-gidimli ýerine öwrüldi. Indi bu ýerde sportuň diňe futbol däl-de beýleki görnüşleri bilen meşgullanmak üçin mümkinçilik döredilipdi. ...Ýurdumyzyň günbatar etraplarynyň we şäherleriniň futbol toparlarynyň arasynda başlanan ” Gaýyş pökgi” bäseşigi turuwbaşdan ýiti häsiýete eýe boldy. Toparlaryň türgenleri guramaçylykly, örän agzybir hereket edýärdiler. Futbol oýunda her, türgen her topar öz başarjaňlygyny, ussatlygyny görkezmegiň hyýalyndady. Bäsleşiginiň iň gyzgalaňly pursatynda “Wostok” futbol toparynyň hüjümçisiniň goýberen hatasy tasdanam olary ýeňlişe sezewar edipdi. Şonda futbol toparynyň ýolbaşçysy Parahat Garaýew“ Senden oňat goragçy çykmaz, derweziçi bilen ornuňy çalyşmak gerek” diýip, toparyň agzasyna gatyrganypdy. Soň-soňlar ol bu sözlemi örän welilik bilen aýdandygyny bilip galypdy. Derwezeçä öwrülen şol hüjümçi soňra günbatar Türkmenistanda iň tejribeli we adygan futbol derwezeçisi bolup ýetişdi. Aýgytly bäsleşikde Serdar etrabynyň futbolçylaryny ýeňlişe sezewar eden, bereketli türgenleriň işleri şondan soň has-da şowuna bolup ugrapdy.
Ýaşaýyşda-durmuşda her dürli garaşylmadyk wakalar bolup geçýär. Futbolçylaryň käbiri orta mekdebi üstünlikli tamamlansoňlar instituta

okuwa girdiler, lokomotiw deposynda we etrabyň beýleki kärhanalarynda zähmet ýoluna başlanlar, goşun gullugyna gidenler hem boldy. Ýöne sport ugry boýunça okuwa giren bolmady...
“Wostok” futbol toparyny esaslandyran guramaçylaryň biri Parahat Garaýew orta mekdebi gowy bahalar bilen tamamlapdy. Oňuň sport ugrundan okuwa girmegi üçin ýol açylypdy. Ol Aşgabat şäherinde we beýleki etrap-şäherlerde ussatlykda tanalýan türgendi.
Bereket etrapynda gurluşyk, ykdysady, önümçilik kärhanalarynda işlemek üçin ýerli hünärmenleriň ýiti ýetmezçiligi duýulýardy. Başga ýerlerden işe çagyrylan adamlar etapda uzak wagtlap işlänokdylar. Şonuň üçin bu meseläni ýerli oglan-gyzlary okuwa ibermegiň hasabyna çözmek gerekdi. Şonda orta mekdebi gowy bahalar bilen tamamlan Parahat Garaýewe politehniki institutyna okuwa girmegi maslahat berdiler.
...2011-nji ýylyň ýanwar aýynyň 15-inden 23-nji aralygynda spotuň futbol görnüşi boýunça Arkalaşyk döwletleriniň kubogyny almak ugrunda XIX halkara bäsleşigi geçirilýärdi. Oňa Arkalaşyk döwletlerinden futbol toparynyň on ikisi gatnaşýardy. Türkmenistanyň Balkanabat şäheriniň “Nebitçi” futbol komandasy hem şol toparda çykyş etmäge hukuk gazanypdy. Türkmen futbol toparyna Parahat Garaýew ýolbaşçylyk edýärdi. Halkara futbol bäsleşiginiň geçýän günlerinde oňa meşhur futbolçy Mihail Platini we dünýä futbol federasiýasynyň başlygy For Paraçet bilen duşuşyp söhbetdeş bolmak nesip etdi.
Ýakyndan tanamaýan, bilmeýän adamlaryň barasynda haýsydyr bir zady aýtmak çetin bolýar. Geçen asyryň togsanynjy ýyllarynda Parahat Garaýew ilki gurluşyk uçastogynyň başlygy, soňra Bereket etrabynyň ýerine ýetiriji edarasynyň başlygynyň orunbasary bolup işläpdi. Şonda onuň başlangyjy bilen Bereket etrabynyň çäginde bir topar binalar guruldy, awtoulag ýollarynyň durky täzelendi. Bäşinji ýaşaýyş jaý toplumynda iki gatly ýaşaýyş jaýlarynyň bina edilmeginde onuň goşandy az däldir.
...Ynsan bir käri tutuş kalby bilen söýen bolsa iru-giç oňa gaýdyp gelýär. Halys bolmanda söýen käriniň ösüp-örňemegine degerli ýardamyny berip durýar eken. Muny Parahat Garaýewiň durmuşyny mysal getirmek arkaly göz ýetirmek kyn däldir. Ol etraplarda, şäherlerde, welaýatlarda geçirilýän futbol ýaryşlaryna toparlaryň gatnaşmagyna hemişe ýardam berdi we işjeň gatnaşdy. Sportsöer Parahat Garaýewiň Türkmenistanyň Futbol Federasiýasynyň başlyklygyna saýlanmagy munuň aýdyň mysalydyr.
Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda sporta we sagdyn durmuş ýörelgesine aýratyn üns berilýär. Sagdynlyga, ruhubelentlige gönükdirilen çärelerde Gahryman Arkadagymyzyň hut özi nusga alarlyk görelde bolýar.

Her ýyl ýurdumyzda "Sagdynlyk we bagtyýarlyk" şygary astynda giň gerimde, sportuň dürli görnüşleri boýunça biraýlyk geçirmek däbe öwrüldi. Munuň özi halkymyzyň agzybirliginiň, ruhubelentliginiň ata-baba dowam edip gelýän asylly ýol-ýörelgeleriniň rowaçlanýandygynyň kepilidir. Ýurdumyzda halypa-şägirtlik ýörelgesine uly üns berilýändiginiň güwäsidir.
Indi birnäçe ýyl bäri Bereket etrap häkimligi, welaýat, sport we ýaşlar baradaky komiteti hem-de Balkan welaýat futbol federasiýasy sport, bilim, medeniýet ulgamlarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda etrabyň halypa futbolçylarynyň arasynda geçirýän duşuşygy barha meşhurlyga eýe bolýar. Şol çäreleriň birinde baýry futbolçy Garataýew 1949-1956-ýyllar aralygynda lokomotiw deposynyň esasy komandasynda oýnan oýunçylaryň sanawyny maňa gowşurdy.
Bereket etrabyndaky häzirki zaman sport toplumynda baýry futbolçylaryň etrabyň futbol topary bilen bolan duşuşykda ýaş we baýry türgenlere jemgyýetçilik guramalarynyň hormat hatlarydyr, ýadygärlik sowgatlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. Şonda halypalar söz sözläp türkmen sportunyň at-abraýynyň ösmegi, kämil türgenleriň kemala gelmegi ähli ugurlarda şol sanda sportda hem halypa şägirtlik ýörelgesiniň rowaçlanmagy üçin ähli şert mümkinçilikleri döreden Arkadagymyza çäksiz alkyş sözlerini aýtdylar!

Şahymerdan SARY OGLY.

# 2-nji hepde üçin tekstler

## TÜRKMEN ALABAÝLARY HAKDA

Häzirki günde beýleki tohumlar bilen garyşman, özüniň iň gadymy görnüşiniň saklap galan itleriň ýeke-täk tohumy bar. Bu gaýduwsyz, wepaly, güýçli, ygtybarly, akylly türkmen alabaýydyr.

■ Itleriň ýaşaýyş-durmuş yzlary

Türkmenistanyň iň gadymy mekanlarynda duş gelýär. Miladydan öňki VI müňýyllyk bilen senelenýän Jeýhun obasyndan itiň ystyhany tapyldy. Bu bolsa çaklamalara göra, şol döwürlerde Türkmenistanyň territoriýasynda itiň iri tohumyny ösdürüp ýetişdirendiklerini görkezýär.

Alabaýyň gelip çykyşynyň gadymylygyny tassyklaýan has güýçli maglumatlaryň biri hem 2003-nji ýylda Ajyguýy medeni oturymynda (Marguş) tapylan iki sany iri tohum itiniň ystyhanydyr. Polşadaky radiokarbon barlaghanasynda geçirilen barlaglaryň esasynda, mazarlaryň miladydan öňki 2400-2200-nji ýyllar bilen senelenýändigini kesgitlenip, tapylan haýwanyň penjesinden gerşine çenli beýikligi 69 sm. (ham-et örtüginiň hasabyna 4 sm. goşulsa 73 sm. bolar).
Türkmen alabaý tohumunyň ölçegine laýyklykda, alabaýyň penjesinden gerşine çenli beýikligi 60 santimetrdir. Diýmek, gadymy Marguşda tapylan iki itiň ystyhanlarynyň ölçegleri häzirki türkmen alabaýlarynyň ölçegine doly gabat gelýär.
Arassa tohumdan bolan alabaýlaryň nesil berijiligi 2-3 güjük bolup, olar doglanda iriligi bilen tapawutlanmalydyr. Täze doglan güjükler hökman enesiniň owuz süýdünden doýmaly, ýogsa olar dürli kesellere durnuksyz, yssa çydamsyz bolýarlar.

■ Alabaýyň saýlanyp alnyşy:

Ata-babalarymyz güjügi heniz süýtden aýrylmanka, öz enesine saýladar ekenler. Ýagny şol güjükleriň ilkinji doglan it ýatagyny berbat edip, olary maşgalasy bilen göçmäge mejbur edipdirler. Şol wagt ene it haýsy güjügine täze mekan tutan ýerine ilkinji alyp gitse, ana, şony hem özlerine köpek edinipdirler. Sebäbi enesi ilki bilen güjükleriň iň dogumlusyny, gaýratlysyny saýlap äkidýär. Alabaý iti saýlap seçmekde şu usulda giňden peýdalanypdyrlar.

■ Itiň gulagynyň, guýrugynyň kesilmegi:

Güjük doglandan soň, birki gün geçirip gulagy-guýrugy kesilýär. Sebäbi:
Bu itiň duşman bilen urşanda päsgel bermezligi, eşidişiniň ýokarlanmagy, duýgurlygynyň, syzgyrlygynyň artmagy üçin edilýär. Guýrugy kesilmedik it mydama ýalta bolýar. Sebäbi burnunuň üstüni öz guýrugy bilen ýapyp ýyladýar. Burny üşemese, itiň hiç zat bilen işi bolmaýar, diňe ýatyp geçirýär. Netijede, ejiz, duşmana gaýtawul berip bilmeýän it bolýar.

■ Seredilişi, iýmitlendirilişi:

Ys alyş agzasynyň işini güýçlendirmek üçin, itleri agşam garaňky gatlyşanda, irden bolsa ala-daňdan ýallamak maslahat berilýär. Şol

wagtlarda iýmitlendirilen ýagdaýynda itler garaňky jaýda golaýynda goýulan iýmiti görmezden, diňe ysyndan tanamaga mejbur bolýar. Şeýlelikde ys alşy güýçlenýär.

Serdar SEÝIDOW,
S.A. Nyýazow adyndaky TOHU-nyň mugallymy.

# 3-nji hepde üçin tekstler

## Botanika hakyndaky ylym

Botanika (grekleriň botane – ösümlik diýen sözünden) – ösümlikler hakyndaky ylymdyr. Bu ylym ösümlikleriň içki we daşky gurluşynyň köpdürlüligini, olaryň ýaşaýyş işjeňligini, Ýer ýüzünde ýaýraýşyny, daşky sreda bilen özara gatnaşygyny, ösümlik örtüginiň emele gelşini, ösümliklerden adamlaryň peýdalanyşynyň mümkinçiliklerini we olary goramaklygyň meselelerini öwrenýär.
Ösümlik dünýäsi örän baýdyr. Häzirki wagtda biziň planetamyzda ösümlikleriň 500 müňe golaý görnüşi ösýär diýip çaklanylýar. Olardan 22 müňe golaýy suwotylara; 80 müňi kömeleklere, miksomitsitlere we bakteriýalara; 20 müňi lişaýniklere; 35 müňi moh şekillilere; 10 müňi paporotnik şekillilere; 640-sy ýalaňaç tohumlylara degişlidir. Beýleki ösümliklere garanyňda gülli ýa- da ýapyk tophumly ösümlikler has köp sanlydyr. Olara görnüşleriň 286 müňden gowragy degişlidir.
Ähli janly organizmler ýaly ösümlikler hem özüni gurşap duran sredanyň dürli şertlerine uýgunlaşan formalaryň köplügi bilen tapawutlanýar. Ösümlikler gurak çöllerde, çalt akýan derýalarda, deňizlerde we okeanlarda, başy garly daglarda duş gelýärler. Temperaturasy 60-650S ýetýän gyzgyn çeşmelerde-de suwotularyň käbir görnüşlerine duş gelmek mümkindir.
Ululyklary boýunça hem ösümlikleriň köp görnüşleri bardyr. Olardan iň kiçileri 50 nm-den 10 mkm ýetýän wiruslar, faglar we bakteriýalardyr. Ösümlikleriň iň ulusy diýlip sekwoýýadendron agajy hasaplanylýar. Onuň boýy 100 m, sütününiň diametri bolsa 10 m ýetýär. Çynarlar hem özüniň ululygy bilen tapawutlanýarlar. Pöwrizede ösýän we tebigy ýadygärlik hasaplanylýan ―Ýedi dogan‖ atly gündogar çynarynyň boýy 35 m, sütününiň ini bolsa 3-5 m barabardyr.
Ösümlikleriň dürli formalary örän uzak hem-de çylşyrymly ewolýusion ösüşiniň netijesidir. Bu prosesiň dowamynda olar daşky

gurşawyň elmydama üýtgäp duran şertlerine uýgunlaşypdyrlar. Ýeriň ösüş taryhynda uýgunlaşmak we kem-kemden kämilleşmek netijesinde ilki bilen öýjüksiz organizmlerden öýjükliler, soňra bolsa köp öýjükliler ýüze çykypdyrlar.
Taryhy ösüşde ösümlikleriň we haýwanlaryň ýüze çykmagy we kemala gelmegi özara baglanyşykly geçipdir. Sredanyň amaly şertleri ähli organizmleriň ýaşaýan ýerine öwrülipdir. Bu ýerde ösümlikler, haýwanlar we mikroorganizmler seçgä sezewar bolup, ýa-da garmoniki agzybirlikde biogeosenozyň bir komponentini – biosenozy emele getiripdirler.
Gurluşynyň formasy boýunça ösümlikleri birnäçe topara bölýärler: öýjüksiz, ýadrosyz, ýadroly (bir öýjükli eukariotlar), köp ýadroly (öýjüksiz), kolonial – köp öýjükli, hakyky köp öýjükli ýa-da tallofitler we organlylar (kormofitler).
Öýjüksizlere olaryň häzirki zaman wekillerinden wiruslary degişli etmek bolar. Olaryň gurluşy örän ýönekeýdir we nuklein kislotasynyň belok bilen örtülen bir molekulasyndan ybaratdyr. Şeýle hem bolsa wiruslar diňe janly öýjügiň içinde janly materiýanyň alamatlaryny ýüze çykarýarlar. Emma janly öýjügiň daşynda olar ýaşaýyş alamatlary bolmadyk —maddadyr. Şol sebäpli wiruslary awtotrof organizmleriň başlangyjy diýip hasaplap bolmaz.
Ýadrosyzlaryň öýjükli gurluşy bardyr. Emma muňa garamazdan resmileşdirilen ýadrosynyň bolmazlygy olary beýleki formalardan tapawutlandyrýar. Ösümlikleriň bu toparynyň öýjükleriniň sitoplazmasynda ýadronyň deregine diňe DNK molekulalary saklanýar. Ýadrosyzlara ösümlikleriň iki toparyny degişli etmek mümkin (bakteriýalar we gök-ýaşyl suwotular). Bu organizmler iki usul boýunça iýmitlenip bilýärler: awtorof we geterotrof iýmitleniş. Ylymda bar bolan maglumatlara görä bakteriýalar we gök-ýaşyl suwotular 2,5 mlrd. ýyla golaý mundan ozal (mümkin, ondan hem has öň) arheý erasynda ýüze çykypdyrlar.
Ýadrolylar (bir öýjükli eukariotlar) – gurluş hem-de funksional nukdaý nazardan gutarnykly resmileşen bir öýjükli organizmler. Olar özüniň bedenini emele getirmek üçin gün energiýasyndan peýdalanýan ýaşyl awtotrof ösümliklerdir. Bu ösümlikleri beýlekilerden şu hili alamatlar tapawutlandyrýar: morfologo-fiziologiki tarapdan organellalara bölünmegi (ýadro, sitoplazma we ş,m.); öýjükleriň jynsly köpeliş üçin aýratynlaşmagy. Bu ösümliklere bir öýjükli ýaşyl suwotylaryň köpüsi degişli (diatom, sarymtyl-ýaşyl, ewglena, pirofit suwotulary) Olaryň käbiri, mysal üçin ewglena suotulary öz alamatlary boýunça ösümliklere-de, haýwanlara-da meňzeşdir. Bir öýjükli eukariotlar ýaşaýşyň dürli şertlerine uýgunlaşmak hem-de köp ösen organizmleriň dürli formalaryny emele getirmek (kolonil we

köp öýjükli formalary) ukyby boýunça suwotularyň progressiw toparydyr.
Köp ýadrolylar (öýjüksizler). Bular häzirki döwürde az sanly görnüşi bolan aýratyn formaly ösümliklerdir. Köp ýadrolylara 30-35 sm. ululykdaky bedeni bolan, emma muňa garamazdan öýjüksiz gurluşly ösümlikler degişlidirler. Olaryň bedeni köp ýadroly bir uly öýjügi ýada salýar. Köp ýadrolylaryň tallomynyň aýratyn bölekleri ýokary gurluşly ösümlikleriň organlaryna meňzeşdir (pizoidleri, ýazylyp ýatan baldaklary, —ýapraklary). Bu ösümliklere kaulerpa, botridi ýaly suwatylar hem-de miksofitler we kömelekleriň köp görnüşleri degişli.
Ýaşaýşyň bir öýjükli formalarynyň ewolýusiýasy dürli ýollar bilen amala aşypdyr diýip çaklanylýar. Bu ýollaryň biri bir öýjükli bedeniň köp öýjüge bölünmegi we öýjükleriň ýöriteleşip, öýjük toparlaryny (dokumalary), soňundan bolsa organlary emele getirmegidir. Ösüşiň ikinji ýoly bir öýjükli organizmleriň bedeniniň aýratyn bölekleriniň ýöriteleşmegi bilen amala aşyrdyr.
Bu ýollaryň birinjisi ewolýusion nukdaý nazardan has amatly we progressiw bolmak bilen dürli suw hem-de gury ýer ösümlikleriniň emele gelmegine alyp barypdyr. Ikinji ýol bolsa kän bir ösüşe eýe bolman diňe az sanly köp ýadroly öýjüksiz formalaryň döremegine getiripdir.
Kolonial – köp öýjükliler. Bular ösüşiň dürli derejesinde duran ýaşaýyş formalarynyň ýygyndy toparydyr. Kolonial köp öýjükli ösümliklere hakyky kolonial organizmleri degişli etmek bolar. Bu ösümlikler öz aralarynda diňe mehaniki usul bilen birleşen bir öýjükli eukariotlardyr. Öýjükleriň mehaniki birleşmesine garamazdan olaryň arasynda fiziologiki baglanyşyk bolmaýar. Koloniýadaky öýjükler doly özbaşdaklygyny saklaýar. Ýaşaýyş işjeňliginiň umumy sazlanyşygy bu öýjüklerde bolmaýar.
Ösümlikleriň bu toparyna aýratyn öýjükleriniň arasynda sitoplazmatiki baglanyşygy bolan kolonial formalara hem degişli edýärler (wolwoks we başgalar). Mysal üçin, wolwoksyň öýjükleri umumy birleşip koloniýany herekete getirýärler. Koloniýany emele getirýän öýjükler hem wegetatiw we reproduktiw öýjüklere bölünýärler.
Ýaşaýyş kolonial formasy bakteriýalaryň we gök-ýaşyl suwotularyň arasynda hem duş gelýär. Käbir kolonial formalar bir öýjüklileriň köp öýjüklilere geçiş etapynda aralyk zwenonyň roluny oýnapdyrlar.
Hakyky köp öýjükliler ýa-da tallofitler häzirki wagtda gurluşynyň köp dürlüligi we wekilleriniň sany boýunça iň uly topardyr. Olara bedeniniň ölçegleri uly hem bolsa hakyky dokumalara we organlara (kök, baldak, ýaprak) bölünmeýän ösümlikler degişli.
Bu topara suwotylaryň köpüsi degişlidir olaryň käbiriniň bedeniniň

gurluşy ýokary derejeli ösümlikleriň bedeniniň organlara bölünişini ýa-da salýar.
K o r m o f i t l e r ( o r g a n l y l a r) - ösüşiň iň ýokary derejesidir. Bu ösümlikleriň özboluşly aýratynlygy olaryň bedeniniň dürli funksiýalary ýerine ýetirýän dokumalara, dokuma toparlaryna we organlara bölünmegidir. Olaryň jynsly köpeliş organlary hem oňat ösendir. Bu topara ýokary gurluşly ösümlikleriň riniefitlerden we plaunlardan başlap, ýapyk tohumlylara çenli tipleri degişlidir.
Ymamgulyýew B.R.

# 4-nji hepde üçin tekstler

## GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ ENELERINE, ÄHLI GELIN-GYZLARYNA

Eziz eneler!
Mähriban gelin-gyzlar!

Sizi tebigatyň, jümle-jahanyň oýanyp, gözelligi, ýakymlylygy, ajaýyplygy bilen göwünlere ylham-joşgun paýlaýan bahar paslynyň ilkinji günlerinde giňden hem-de dabaraly bellenýän Halkara zenanlar güni bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn!
Milli senenamamyzda aýratyn orny eýeleýän Halkara zenanlar güni ýurdumyzda döwlet derejesinde giňden bellenip, merdana halkymyzy täze maksatlara, beýik işlere ruhlandyrýar, nesillerimizde milli buýsanjy, ynsanperwerligiň belent häsiýetlerini terbiýeleýär. Şoňa görä-de, «Türkmenistan — rowaçlygyň Watany» diýlip yglan edilen 2019-njy ýylda hem eziz Diýarymyzda ýaz paslynyň jana şypaly günlerinde bu halkara baýram ýokary ruhubelentlik bilen giňden bellenýär. Gözel paýtagtymyz Aşgabat şäherinde, ýurdumyzyň ähli sebitlerinde baýramçylyk dabaralaryna badalga berlip, bu nurana bahar baýramyna gabatlap aýdym-sazly dabaralar, döredijilik bäsleşikleri, sergidir ylmy maslahatlar, wagyz ediş-bilim beriş çäreleri, şowhunly sport ýaryşlary geçirilýär.
Mähriban enelerimize, gelin-gyzlarymyza sarpa goýmak, olaryň mertebesini belent tutmak, edep-ekramyna, durmuş ýörelgelerine aýratyn söýgi we hormat bilen garamak müňýyllyklardan gözbaş alyp gaýdýan milli dessurymyzdyr. Öý-ojaklarymyzyň ýaraşygy, durmuşymyzyň bezegi bolan zenanlarymyz asyrlardan-asyrlara,

nesillerden-nesillere geçirilip, kämil derejä ýetirilen däp-dessurlarymyzy mynasyp dowam etdirmek bilen, ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda, döwlet we jemgyýetçilik durmuşynda yhlasly zähmet çekýärler, eziz Watanymyzy kuwwatly döwlete öwürmek ugrunda tutumly işleri amala aşyrýarlar.

Hormatly zenanlar!
Biziň halkymyzyň kämilligiň gözbaşyna, nepisligiň hem-de gözelligiň ajaýyp nusgasyna öwrülen örän baý mirasy bar. Döwürleri we nesilleri baglanyşdyrýan, halklary doganlaşdyrýan bu mirasy gorap saklamakda, öwrenmekde, baýlaşdyrmakda, wagyz etmekde we geljekki nesillere ýetirmekde hem zenanlarymyzyň hyzmaty örän uludyr. Gelin-gyzlarymyzyň döreden, gözelligi, nepisligi, öwşün atýan reňkleri bilen göreni haýrana goýýan halydyr keşdeleri, çuň mazmunly hüwdüdir monjugatdylary, döwrümiziň belent mukamy bolup ýaňlanýan küştdepdileri milli baýlygymyzdyr. Bu eserler şahsyýetiň sazlaşykly ösmegine, nesillerde ýokary ahlak häsiýetleriniň, watansöýüjiligiň kemala gelmegine ýardam berýär. Gahrymançylygyň hem-de edermenligiň, ýokary ahlaklylygyň we ynsanperwerligiň beýik nusgasyna öwrülip, ene söýgüsi, mähri we ak patasy bilen ýaş nesillerimiziň gursagyna guýulýar. Mynasyp nesil terbiýesi bolsa biziň rowaçlyklarymyzyň gözbaşydyr. Şonuň üçin hem biz merdana pederlerimiziň: «Akylyň bahasy bolmaz, terbiýäniň — çägi», «Çaga eziz, edebi ondanam eziz» diýen ýaly pähimlerinden ugur alyp, giň dünýägaraýyşly watançy, ahlak taýdan arassa, zähmetsöýer nesilleri terbiýelemekde mähriban enelerimiziň hem-de zenanlarymyzyň bitirýän hyzmatyna ýokary baha berýäris. Zähmetde hem-de durmuşda uly üstünlikleri gazanýan şeýle zenanlarymyza guwanýarys. Beýik özgertmelerimizi, iri möçberli maksatnamalarymyzy durmuşa geçirmekde bitiren aýratyn hyzmatlaryny, zähmetde, jemgyýetçilik durmuşynda gazanan uly üstünliklerini, Garaşsyz Watanymyza wepaly, sagdyn, ruhubelent nesilleri terbiýeläp ýetişdirmäge goşan asylly goşantlaryny nazara alyp, gelin-gyzlarymyzy «Zenan kalby» ordeni we beýleki döwlet sylaglary bilen sylaglaýarys, mähriban enelerimize «Ene mähri» diýen hormatly ady dakýarys. Tutuş halkymyzyň, aýratyn hem eziz enelerimiziň, mähriban gelin-gyzlarymyzyň kalbyny şatlyk-joşguna besleýän bu çäreler agzybirligimizi has-da pugtalandyryp, Garaşsyz Watanymyza bolan buýsanjymyzy artdyrýar.
Zenanlaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramak, maşgalany, çagalygy we eneligi goldamak babatda hem ýurdumyz uly sepgitlere — guwançly menzillere ýetdi. Biz bu ugurda abraýly halkara

guramalar, ilkinji nobatda bolsa, Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edaralary bilen netijeli gatnaşyklary işjeň ösdürýäris. Berkarar döwletimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar Gaznasynyň Ýerine ýetiriji Geňeşine, Zenanlaryň hukuk ýagdaýy boýunça komissiýasyna saýlanmagy Garaşsyz Watanymyzyň bu ugurda dünýä ösüşindäki eýeleýän ornuny pugtalandyrýan taryhy wakalardyr.
Biziň döwletimiz zenanlarymyzyň asuda, abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagy, yhlasly zähmet çekmegi, mynasyp nesilleri terbiýeläp ýetişdirmegi üçin hemişe alada eder.

Eziz eneler!
Mähriban gelin-gyzlar!

Sizi ajaýyp bahar paslynda giňden bellenýän Halkara zenanlar güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn! Goý, Garaşsyz Watanymyzyň şan-şöhratynyň barha artýan döwründe halkymyzy jebisleşdirýän, milli bitewüligimizi has-da berkidýän hem-de belent sepgitlere ruhlandyrýan güler ýüzli mähriban enelerimiziň, kalby derýa kimin joşgunly gelin-gyzlarymyzyň mertebesi hemişe belent bolsun! Siziň ähliňize berk jan saglyk, uzak ömür, maşgala ojaklaryňyzda abadançylyk, asuda we bagtyýar durmuş, ýurdumyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýärin!
Türkmenistanyň Prezidenti,
Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.

# 5-nji hepde üçin tekstler

## ÖLEÑLER

Öleñler türkmen halkynyñ arasynda uzak asyrlaryñ dowamynda döremek bilen, gelin edinilende, toý tutulanda ýerine ýetirilýän däp-dessurlaryñ biridir. Bu žanr halkyñ arasynda giñden ýaýrapdyr. Toý aýdymlarynyñ bir görnüşi bolan öleñlere Dänew, Çärjew, Farap sebitlerinde "Öleñ-üleñ" diýip at berilýär. Öleñlerde ýaş çatynjalaryñ gylyk-häsiýetleridir akyl-paýhasyna degişli sözler bar. Öleñlerde durmuşa çykýan gyzyñ enesini, öleñçileri gepletmek häsiýetleri bar. Öleñçiler tarapyndan başga biriniñ dili bilen aýdylýan öleñlerde adam durmuşyna bap gelýän oñat isleg-arzuwlar beýan edilýär. Öleñler gyza, onuñ enesine ýa-da başga adamyñ durmuşy

bilen baglanyşykly bir zada degişli bolany üçin täsirli bolýar. Aýdylýan öleñ bentleri kime degişli bolsa, ol däbe görä ses edip aglamaly bolýar.
Biz ýokarda aýdylan zatlary anyklamak üçin Dänew, Çärjew, Farap etraplarynda öleñleriñ ýerine ýetirilişi, ondaky adam durmuşy bilen baglanyşykly bolýan dürli ýagdaýlaryñ üstünde durup geçmeli bolýarys. Bu etraplarda ýaşaýan türkmenleriñ şahyrana döredijiliginiñ öleñ žanry toý aýdymlaryna degişlidir. Öleñler hem toý aýdymlary ýaly gadymdan bäri nesilden-nesle geçip gelýän halk döredijiligidir. Öleñlere "toý aýdymlary" diýilmeginiñ esasy sebäbi olaryñ diñe toýda aýdylýandygy üçindir. Ýerli däp-dessurlara görä, gudalaryñ iki tarapy-da biri-birini synlaýar. Synlamak düzgüni diñe ogul-gyza degişli bolman, iki tarapyñ maşgala çlenleriniñ hemmesine hem degişlidir.

*Öleñ-öleñ, haý öleñ,*
*Aý aýlanar, ýar-ýar.*
*Dost-ýarlary ýygnanyp,*
*Toý toýlanar ýar-ýar.*

Öleñçiler öleñi örän täsirli ýerine ýetirmeli. Öleñ aýdylanda köplenç durmuşa çykan gyz aglaýar.
Eneli-gyzyñ aýrylyşyk pursaty öleñlerde şeýle edilýär:

*Bukjasynyñ ujuna*
*Bagladylar ýar-ýar.*
*Enesiniñ ýüregin,*
*Dagladylar, ýar-ýar.*

Gyz durmuşa çykarylanda giýew boljak ýigidiñ daşky sypatyna seretmän, onuñ akyl-paýhasyna seredilip kesgitlenmelidigi barada öleñlerde şeýle pikirler ýöredilýär:

*Meniñ kyzym aýpara,*
*Giýew gara, ýar-ýar.*
*Gara diýmäñ giýewe,*
*Giýew sere, ýar-ýar.*

*Ar baglamañ arpanyñ,*
*Samanyna, ýar-ýar.*

*Kyz bermäñler ýigidiñ*
*Ýamanyna, ýar-ýar.*

Ýokardaky bentlerden görnüşi ýaly, ýerli öleñlerde edebi dili we onuñ beýleki şiweleri bilen deñeşdireniñde diñe bir fonetik özgermelere däl, düýpli leksik aýratynlyklara hem duş gelinýär. Munuñ özi ýerli şiwäniñ özboluşly aýratynlyklaryny, ajaýyplyklaryny alamatlandyrýan ýagdaýdyr. "Giýew - sere" (edebi dilde "Giýew - gowy" we ş.m). Aslynda "sere" we beýleki gadymy sözleriñ ulanylmagy bu ýerde gadymy türkmen diliniñ elementleriniñ henizem saklanýandygyny añladýar.

Köne zamanda garyplar mätäçlik zerarly perzentlerini garry-gartañ, kel-kör, pully adamlara satypdyrlar.

*Bäş daşyñ çaşyrdylar,*
*Gamly bolma, ýar-ýar.*
*Ýat ýurda aşyrdylar,*
*Gamly bolma, ýar-ýar.*

*Kumda kulan kişñidi,*
*"At boldum" diýp, ýar-ýar.*
*Çykarylan kyz ýyglydy,*
*"Ýat boldum!" diýp, ýar-ýar.*

*Kelle bilen aýaga*
*Bakdyñ enem, ýar-ýar.*
*Iki kotur owlaga*
*Satdyñ enem, ýar-ýar.*

*Öleñ-öleñ, haý, öleñ,*
*Öler kyzyñ, ýar-ýar.*
*Söýmedige kyz berseñ,*
*Köýer kyzyñ, ýar-ýar.*

Toýda yzzat-hormat edilýän wagtda goýberilýän kemçilikler hem berk tankyt edilýär.

*Bu şorbany kim goýdy?*
*Kaşygy ýok, ýar-ýar.*
*Üstündäki paý nirde,*
*Aşygy ýok, ýar-ýar.*

Ýerli gelin-gyzlaryň beýleki poetiki halk döredijiliginde görkezilişi ýaly, öleňlerde hem nebsewür ata-eneleriň mala-pula göz gyzdyryp, gyzlaryny gadyr-gymmat diýen zady bilmeýän näkeslere satyp goýberişleri hakynda gyzyň dilinden şu sözleri eşitmek bolýar:

*Tagty-rowan üstünden,*
*Taýyp düşdüm, ýar-ýar.*
*Gadrym bilmes näkese,*
*Gaýyp düşdüm, ýar-ýar.*

*Haly-giläm üstünde,*
*Bir gül ediň, ýar-ýar.*
*Atañ-eneñ öýünde,*
*Bilbil ediň, ýar-ýar.*

*Ýumurtganyň agy dek,*
*Agym enem, ýar-ýar!*
*Ak süýdüňe razy bol,*
*Janym enem, ýar-ýar!*

Durmuşa çykarylýan gyz gaýynlaryna göçürilmeziniň öň ýanynda enesiniň gyzyna ak göwün bilen rugsat berip goýbermek däbi bar. Şol ritual doly berjaý edilýänçä, gelnaljylar garaşmaly bolýarlar.

*Kyza gelen ýeňňeler,*
*Biraz dursun, ýar-ýar.*
*Ak süýt beren enesi,*
*Razy bolsun, ýar-ýar.*

*Asmandaky ýyldyzy*
*Ýedi diýiñ, ýar-ýar.*
*Ýedi kyzyñ serdary*
*Şudy diýiñ, ýar-ýar.*

Beýleki türkmen tire-taýpalarynda bolşy ýaly, Amyderýanyñ orta akymynda gadymdan bäri mekan tutan türkmen taýpalarynyñ wekilleriniñ hem däp-dessuryna görä, gyz gaýynlaryna ugradylmazynyñ öñ ýanynda aglaýar. Onuñ bilen bilelikde mähriban enesi, doganlary-da aglaşýarlar. Aslyna seretseñ, beýle däp öz wagtynda Ýewropa halklaryna hem belli bir derejede mahsus bolupdyr.

Käbir eneler çykarylan gyzlaryndan aýra düşmek, näçe agyr degse-de, çydamlylyk edip, aglamaýarlar. Bu däp-düzgüne görä geñ görülýär. Öleñ aýdyjylae beýle pursaylary hem nazaryndan sypdyrmaýarlar.

*Toýhananyñ tüñçesi,*
*Şaglamaýar, ýar-ýar.*
*Öweýmidi enesi,*
*Ýyglamaýar, ýar-ýar.*

*Aý öleñ-ä, aý öleñ,*
*Öleñ barmy, ýar-ýar.*
*Ýat illere kyz satyp,*
*Gülen barmy, ýar-ýar.*

*Mötmyrat baý diýdiler,*
*Baýy kany, ýar-ýar.*
*Gatlamasy gas-gary,*
*Ýagy kany, ýar-ýar.*

Köp ýerlerden tapawutlylykda, bu ýerde öleñleriñ häli-häzirlerem ýerine ýetirilýändigini aýtmak gerek.

*"Wolga" maşyn içinde,*
*Üçgine kyz, haý öleñ.*
*Üçgine kyz içinde,*
*Kiçgine kyz, haý öleñ.*

Dänew, Çärjew, Farap etraplarynda ýaşaýan türkmen taýpalarynyñ köpüsinde toý esasan gyz çykarylýan öýde tutulýar. Gyz göçürilenden soñ hem onuñ öýünde toý edýärler. Aýdym aýdýarlar.

*Darwazany giç açyñ!*
*Aý geledi, ýar-ýar.*
*Bukjasynda hiç zat ýok,*
*Toý geledi, ýar-ýar.*

*Uzyn-uzyn ýüp gerek,*
*Sallançaga ýar-ýar.*
*Atlas köýnek ýaraşar,*
*Gelinçege, ýar-ýar.*

*Dört kulakly kazanda,*
*Paýyñ duran, ýar-ýar.*
*Gülli kigiz üstünde,*
*Jaýyñ duran, ýar-ýar.*

Öleñ aýdyjylar tarapyndan öleñleriñ soñy şeýle hoşamaý sözler bilen tamamlanýar:

*Öleñ-öleñ, haý öleñ,*
*Öleñ köpdür, ýar-ýar.*
*Öleñ aýdan dilinden*
*Birje öpdür, ýar-ýar.*

Ogul öýlendirilende, gyz çykarylanda bu ýerdäki ilatyñ başga-da birnäçe däp-dessurlary bar. Gelin gaýynlarynyñ öýüne ugradylmazyndan owal, gyzyñ hossarlary: "Onuñ ýaly ýagdaý adamynyñ durmuşynda diñe bir gezek bolýandyr. Sen eneñ, atañ,

dogan-garyndaşlaryñ ýüzüne gara getirmediñ, eneñ bilen atañy razy et, bar, atañ aýagyna baş goý. "Ata razy - Hudaý razy, ene razy - pygamber razy" diýipdirler. Olar hiç wagt-da seniñ bagtsyz durmuşyñy islemezler" diýen ýalu nesihatlar edýärler. Gyz baryp atasynyñ aýagyna ýykylýar. Atasy gyzynyñ arkasyna kakyp: "Bar, gyzym, ýoluñ ak bolsun, ýoldaşyñ Hak bolsun, bagtyñ açylsyn, ogully-gyzly, agtykly, çowlukly bol" diýip, gyzyny ýagşy niýet, mylaýym sözler bilen ýola salýar. Gyz çykarylanda, ýany bilen ýeñnesi, joralary uzadyjy bolup gidýärler.
Gyz barmanka, ýigidiñ öýüniñ ýanynda ot ýakylýar. Gelinli maşyn oduñ daşyndan üç gezek aýlanýar. Soñra maşyn ýuwaşja ýöräp, gapynyñ agzyna gelýär. Gapynyñ öñünde bili mäkäm guşalan öýlenýän ýigit gyzy maşyndan göterip alyp, aýagyny ýere degirmän öýe girizýär. Gelin bilen ýigit ýaşamaly otagyna barýarka, gartaşan garry mamalar: "Gelnimiziñ ýoly açyk bolsun!" diýip, gelniñ hem-de gelenleriñ ýüzüne urba sepýärler. Ýigit bilen gyz getirilenden soñ oturmaly däl. Dik durmaly. Adamlar olara degişip: "A-how, adamlar, gelin-ä geldi. Indi pylan aga gelniniñ dyzaýagyna näme aýdarka?" diýşip, özara gülüşýärler. Onýança ýigidiñ kakasy: "Adamlar, men gelnimiñ dyzaýagyna bir göleli sygyr aýdýaryn" diýip jogap berýär. Ýerli-ýerden "Ýeterli, boldy" diýişýärler. Gelin bilen ýigit oturýar. Bularyñ öñüne börek getirip goýýarlar. Börek ýaga çykarylýar. Ýigit bilen gyz bir-biriniñ agzyna börek tutuşýar. Käbir ýerlerde gyz çykarylmazyndan öñürti gyzyñ atasy öýünde gyz bilen ýigidi ýörite bejerilen çadyra salýarlar-da, öñlerine börek getirip goýýarlar. Bu däp soñky döwürde ornaşyp başlady.
Gyz bilen ýigide getirilen börekden olaryñ ýanyndaky deñ-duşlary we beýlekiler alyp gaçýarlar. Munuñ düýp sebäbi, toý tutýanlar üçin bişirilen börekden iýeniń dişi agyrmaýarmyş. Şol wagt biri gyz bilen ýigidiñ öñünde uly ýüz görülýän aýna getirip goýýar. Olar aýna seredýärler. Başga biri ikisiniñ-de eline ýaşajyk çaga tutdurýar. Onýança-da bir ýaşuly adam gelip, olara bagtly durmuş arzuw edýär. *(Gorkut atanyñ türkmen toýunda soñundan gelip toýuñ sebäpkärlerine gowy arzuw-dileg etme dessuryny ýada salyñ - t.b.)* Şonuñ üçin hem şol ýaşula gymmat bahaly halat-serpaý edýärler. Öleñlerde gyzlary öz razyçylyklaryna seretmän çykarmazlyk, bu meselede onuñ özi maslahatlaşmaklyk ata-enelere öwüt-nesihat edilýär. Mal-dünýä göz gyzdyrmaklyk, gyzy söýenine bermezlik ýaly erbet häsiýetler tankyt edilýär. Bu ýerde iñ esasy bellemeli zat, şeýle dessuryñ Amyderýanyñ orta akymlarynda ýaşaýan türkmen taýpalarynyñ arasynda henize çenli saklanyp galanlygy, soñky döwürde bolsa onuñ has hem ösdürilýänligidir.

Durdy MUHAMOW,
Dänew etraby, folklorçy.

# 6-njy hepde üçin tekstler

## TÜRKMEN AÝNA ÖNÜMÇILIGINIŇ TARYHYNDAN

Dünýä taryhynyň gatlaryna ösen medeniýetiň, sungatyň mekany bolup giren Türkmenistanyň gadymy ýadygärliklerinde geçirilýän arheologik gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde ýüze çykarylan taryhy tapyndylar ylmy esasda öwrenilýär. Bu tapyndylar şol döwürlerde senetçiligiň nä derejede ösendigini aýan edýär. Orta asyrlarda ösen senetleriň biri hem aýna önümçiligidir.

Arheologik maglumatlar we ýazuw çeşmeleri aýna senetçiliginiň önümçilik güýçleriniň ösmegine düýpli täsirini ýetirendigine şaýatlyk edýärler. Senetçiligiň aýrylmaz bölegi bolan aýna önümçiliginiň taryhyny öwrenmek onuň ösüşini aýdyňlaşdyrmagyň esasy ugry bolup durýar. Orta asyr ýadygärliklerinde gazuw-barlag işleriniň geçirilmegi aýnadan ýasalan dürli—dürli gaplaryň köp mukdarynyň ýüze çykarylmagyna ýardam edýär.

Türkmenistanyň çäklerinde aýna öndürilmegini öwrenmekde Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh institutynda saklanylýan aýna tapyndylar bahasyna ýetip bolmajak hazyna bolup durýar.

Orta Aziýada aýna işlenip bejerilendigi baradaky ýazuw ýatlamalaryna Hytaý ýyl ýazgylarynda gabat gelinýär. Olarda biziň eýýamymyzyň V asyrynyň birinji çärýeginde reňkli aýna ýasaýan ussalar barada habar berilýär.

Rus taryhçysy A.Smirnowyň 1928-nji ýylda ýazan işinde Orta Aziýada haýran galdyryjy derejede örän dürli—dürli görnüşdäki aýnadan ýasalan reňkli hem-de taýýarlanyş usuly boýunça ajaýyp önümleriň ençemesiniň tapylandygy barada ýatlanyp geçilýär. Alymlar olaryň ýerli ussalar tarapyndan öndürilendigi baradaky netijelere gelýärler.

Abu Bekr Muhammet ar-Raziniň «Syrlaryň syrlary kitaby» (IX asyr) atly alhimiki traktatynda aýna ýasalyşy, onuň görnüşleri barada käbir maglumatlar bar. Bu eserden aýna ýasalyş işleriniň ýola goýluşynyň ýagdaýyny anyklamak bolýar. Ýygyndyda aýnanyň dürli görnüşiniň bolandygy barada aýdylýar. «Ol çägeden we potaşdan (aşgardan) alynýar. Onuň iň gowy görnüşi ak (reňksiz), dury siriýa aýnasydyr. Ol öz hlli boýunça hrustaly ýada salýar» diýlip ýazylypdyr.

I müňýyllygyň ortalarynda tutuş Alynky Gündogarda gymmat bahaly metallardan we dag hrustalyndan ýasalan gap-gaçlaryň giňden ýaýrandygyny alymlar belleýärler. Soňra olaryň deregine özüniň durulygy boýunça dag hrustalyna çalymdaş, emma has arzan aýnany işläp bejermekligi öwrenipdirler.

Al-Biruniniň işinde Orta Aziýada aýna işläp bejermekligiň taryhy barada maglumatlar berilýär. Onda aýnanyň eredilmeginiň usullary gysgaça beýan edilýär. Ol aýna öndürmegiň orta asyr tehnologiýasy, aýna önümleriniň gymmaty we derejesi barada kabir düşünjeleri berýär. Şeýle hem aýnanyň rejelenişi we syrçalar barada maglumatlary getirýär.

Orta Aziýanyň çäklerinde aýna işläp bejerilmeginiň başlangyç döwri we onuň emele gelmeginiň sebäpleri baradaky maglumatlara akademik W.W. Bartoldyň işlerinde gabat gelmek bolýar. Ol Hytaýa günbatardan, grek-rim dünýäsinden aýna we hrustal önümleriniň getirilendigini hem-de Orta Aziýada aýna senagatynyň dörändigi barada ýazýar. B.e. ozalky II asyrdan başlap, Beýik Ýüpek ýoly arkaly Günbatar ýurtlary bilen ýola goýlan söwdanyň netijesinde Orta Aziýada aýna işläp bejermeklik oýlanyp tapylypdyr we şol gatnaşyklaryň esasynda Orta Aziýada aýna senagatynyň başy başlanypdyr.

Bar bolan maglumatlar aýna işläp bejermekligiň ýüze çykmagynyň has irki döwürlerde bolandygyna şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň çäklerinde irki aýna önümleri aýna esasly monjuklar görnüşinde Ýaňgalada (miladydan öňki II müýyllygyň ikinji ýarymy) we Änew gatlaklarynda (miladydan öňki II — I müňýyllyklar) tapyldy. Iki kertikli agymtyl-ýaşyl aýnadan ýasalan monjuk Änew IV medeni gatlagyndan (miladydan öňki II müňýyllygyň aýagy, I müňýyllygyň başy) tapyldy. Änew medeniýetiniň düzgünleşdirilen dowürleri boýunça bu gatlaklar Namazga VI döwrüne degişli edilýärler. Änewiň ýokarky gatlagynda (miladydan öňki I müňýyllyk) geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde gara tog milli açygrak goňur aýnadan

ýasalan başga bir monjuk tapyldy. Bu gatlak belli arheolog W.M. Masson tarapyndan Änew IV döwri diýlip hasaba alyndy. Aýna önümleriniň miladydan öňki II — I asyrlara degişlileri Nusaýdan hem tapyldy.

Türkmenistanyň çäklerinde orta asyrlarda senetçiligiň beýleki görnüşleri bilen bilelikde aýna önümleriniň önümçiligi ählitaraplaýyn ýaýrap başlapdyr. Aýna işläp bejermeklik şäher, şeýle hem oba ilatynyň barha artýan isleglerini kanagatlandyrypdyr. Oňa Türkmenistanyň orta asyr şäherlerinde geçirilen arheologik işleriň netijesinde tapylan aýnadan ýasalan tapyndylar şaýatlyk edýär. Merw, Nusaý, Şähryslam, Misseriýan — bular aýnadan ýasalan önümleriň önümçilik merkezleri bolupdyrlar. Aýna önümlerinden has köp duş gelýänleri okara, käse görnüşli gaplaryň galyndylary, şeýle hem özleriniň ölçegleri boýunça kiçi göwrümli bolany sebäpli, bitin görnüşde saklanyp galan dürli atyr we lukmançylykda ulanylan kiçijik çüýşejiklerdir. Aýnadan dürli bezeg şaýlaryny hem ýasapdyrlar. Şähryslamdan asyklar we şelpeleriň birnäçesi tapyldy. Olary iki görnüşe bölmek bolar: içinden göni deşik geçýän melewşeräk reňkli aýnadan taýýarlanylan romb görnüşli we mawy aýna ergininden taýýarlanylan kesik-konus şekilli. Şelpäniň aşaky çägi gyzyl aýna ergininden ýasalan, dakylýan guşajyk bilen bezelipdir. Keramiki materiallara salgylanyp, olar XII—XIII asyrlar bilen senelenýär. Şeýle-de, kolba, banka, badalar, bulgurlar uly çüýşeleriň, grafin görnüşli gaplaryň bokurdaklary, düýpleri duş gelýär. Seýrek duş gelýän gapjagazlara alambikler — himiki derňewlerde ulanylan turbajykly gabyň bölegi ýa-da simaby gaýtadan işlemek üçin ulanylan piliň holtumyna meňzeş gap degişlidir. Bu gaplar irki orta asyrlardan başlap duş gelýär we IX—XIII asyrlarda giňden ýaýrapdyr. Ilkinji şeýle gaplar bürünçden ýasalypdyr diýen çaklama hem bar. Missariýandan tapylan uzyn turbajyk görnüşli konus şekilli himiki gabyň — alambigiň bölegi bolmagy mümkin. Ol tutuksy aýnadan ýasalypdyr. Alambigiň şuna meňzeş turbajyklary Tatarystandaky Bilýar ýadygärliginden köp mukdarda tapylypdyr.

Arheologik ýadygärliklerde aýnadan ýasalan önümleriň bardygy barada arheologlaryň makalalarynda agzalyp geçilýär. Bu babatda aýratyn bellemeli iş arheolog Ý.A.Dawidowiçiň Nusaýyň orta asyr aýnasynyň taryhyna bagyşlanan makalasydyr. Onuň işinde Nusaýdan tapylan ençeme aýna önümleri — badalaryň, güldanlaryň, käseleriň, atyr çüýşeleriniň, kolbalaryň (turbajyk ýa-da konuş, guýguç şekilli, uzyn bokurdakly togalak gap), probirkalaryň

(lukmançylykda we himiýa tejribelerinde ulanylýan turbajyk görnüşli gapjagaz), alambikleriň we ýuka penjire aýnasynyň galyndylary bar.

Aýna önümleriniň tapyndylary Nusaýyň Orta Aziýada iri senetçilik merkezleriniň biri bolandygyny subut edýär. IX asyrda syrçaly keramikanyň entek ilatyň durmuşyna ymykly ornaşmandygyny, aýnadan ýasalan zatlaryň bolsa eýýäm giňden ulanylandygyny we Orta Aziýada aýna işläp bejermegiň çalt ösmeginiň göze ilýändigini alymlar belleýärler. Tapylan aýna galyndylary we önümler bu ýerde aýna öndürýän senetçilik ussahanalarynyň bolandygyna şaýatlyk edýär.

Hanhowuz galasynyň taryhynyň arheologik taýdan öwrenilmeginiň netijesinde bu ýadygärligiň söwda ýolunda ýerleşip, berkitmelerden, kerwensaraýlardan ybarat, keramika, kerpiç bişirýän we aýna eredilýän peçleri özünde jemlän iri mesgenleriň biri bolandygy anyklanyldy. Aýna eredilýän peçler şäheriň taşlanyp gidilen we ýumrulan ýerlerinden gurlupdyr.

Merwden tapylan aýna galyndylarynyň içiräk toplumy, şeýle hem Gäwürgaladan we Soltangaladan tapylan aýna monjuklar XII—XIII asyrlarda aýna öndürmegiň giň gerim alandygyna güwä geçýär. Merw monjuklaryna çalymdaş aýna monjuklar Orta Aziýanyň, Kawkazyň we Gündogar Ýewropanyň dürli döwürlerdäki ýadygärliklerinde gabat gelýär. Bu bolsa Beýik Ýüpek ýolunyň senetçilige hem öz täsirini ýetirendigini görkezýär.

Şasenemgalada we onuň töweregindäki ýadygärliklerde geçirilen gazuw-agtaryş işleri netijesinde tapylan aýna önümleri Guýusaý çäklerinde, şeýle hem Çermenýabyň kenarynda aýna önümçiliginiň bolandygyny, görnüşleri boýunça birmeňzeş gaplaryň bölekleriniň köp tapylmagy aýna önümleriniň diňe ýerli ilatyň isleglerini kanagatlandyrmak bolman, eýsem, satuwada çykarylandygyna güwä geçýär.

Arheologik barlaglaryň netijesinde Şähryslam şäheriniň Orta Aziýada aýna önümçiliginiň merkezleriniň biriniň bolandygy anyklandy. Şähryslamdan daşdan we keramikadan ýasalan önümler bilen birlikde aýnadan ýasalan önümler hem tapylyp, olar barada «Şähryslamyň maddy medeniýeti» atly kitapda maglumatlar berilýär. Ýadygärligiň Bäherden şäherçesinden uzak bolmadyk ýerde, kwars çägesiniň alynýan ýeriniň golaýynda ýerleşýändigide ünsüňi özüne

çekýär. Belki-de, orta asyrlarda ýaşap geçen aýna ýasaýjylar hem bu çägäni aýna önümlerini ýasamakda peýdalanandyrlar. Bu ýerden aşhana gaplary, atyr-derman, öý hojalygynda ulanylýan we bezeg şaýlary görnüşli dürll—dürli aýna önümleri tapyldy. Şähryslamyň aýna önümleri ýaşyl, gök we sary aýnalardan ýasalypdyr.

Aşgabat şäheriniň öňki aýna kombinatynyň himiki barlaghanasynyň kesgitlemegine görä, ýaşyl reňk almak üçin demriň we misiň okisi, gök reňk üçin kobalt, sary reňk üçin kükürt ulanylypdyr, şeýle hem aýnany 1000 — 1200 dereje gyzgynlykda taýýarlapdyrlar. Şähryslamda setirlenip ýasalan gazanpisint çukurlaryň içinde kükürdiň bölekleri üýşürilip goýlan görnüşde ýüze çykaryldy. Şol tapyndylar orta asyrlarda hem şeýle himiki usulda işlenendigine güwä geçýär.

Misseriýanda alnyp barlan köpýyllyk barlaglar stratigrafiýa, suw üpjünçiligi, maddy we ruhy medeniýet, senetçilik we söwda barada dürli maglumatlary almaga mümkinçilik berdi. Misseriýanda keramika, metal önümleri bilen birlikde, aýna önümleri hem tapyldy. Olary aşhana, atyr-derman çüýşelerine, himiki çüýşelere we bezeg önümlerine hem bölmek bolar. Misseriýanyň aýna önümleriniň arasynda dürli görnüşli emekleri bolan okaralaryň birnäçe galyndysy aýratyn tapawutlanýar. Aýna önümleriniň arasynda lukmançylyga degişli kiçijik gapjagazlary, düýbi guýguç şekilli jamlar, grafinler, bulgurlar we hojalykda ulanylýan beýleki zatlar bar. Olar görnüşleri, göwrümleri, ulanylyşy, reňkleri boýunça tapawutlanýarlar.

Olaryň arasynda ýaşylymtyl hem-de tüsse reňkli aýnadan taýýarlanylan ajaýyp bulgurlar tapawutlanýarlar. Misseriýandan tapylan ýaplaryň örän ýuka aýnadan ýasalandygy sebäpli, dine gulplary-eltutarlary, düýpleri ýa-da bokurdaklary saklanyp galypdyr. Aýna önümleriniň galyndylarynyň köp bolmagy XI — XII asyrlarda Misseriýanyň ilatynyň senetçiligiň bu görnüşiniň önümçiligini ýola goýandyklaryndan we giň gerimde peýdalanandyklaryndan habar berýär.

Paryzdepeden tapylan aýna önümleriniň galyndylarynyň arasynda aýratyn gyzyklanma döredýänleri iki sany bir-birine meňzeşräk küýzejik görnüşli gaplaryň bölekleridir. Olaryň inçelen bokurdagyna birikdirilen erňejigi gysylyp, guýguç hökmünde ýasalypdyr, bokurdagy bolsa aşaklygyna giňäp, emaý bilen göwrä geçýär. Erňejigiň gysylmagy küýzejikden guýulýan suwuklygyň azajykdan, usullyk bilen akmagy üçin niýetlenendir. Gaplaryň göwresiniň örän

ýuka (galyňlygy 1 millimetr) bolany sebäpli saklanyp galmandyr. Şeýle ýukajyk küýzejik dury ýaşyl aýnadan üflenip ýasalypdyr.

Şular ýaly göwresi bolan guýguçly we tutawaçly küýzejikler Türkmenistanyň başga ýadygärliklerinde henize çenli duş gelmedi. Erňegi guýguçly, bokurdagy ýok, göwresi has çişirilen, ölçegleri ulurak küýzeler Gazagystanyň Kuýruktobe we Otrar ýadygärliklerinden tapylypdyr.

Daňdanakandan hem kiçi göwrümli çüýşejikleriň tapylmagy orta asyrlarda Türkmenistanyň çäklerinde himiýanyň, lukmançylygyň ösendigini subut edýär.

Türkmenistanyň medeniýetiniň orta asyrlarda gülläp ösen döwründe senetçiligiň birnäçe görnüşleri sungat derejesine ýetirilipdir. Olardan keramika, metal önümleri bilen bir hatarda, aýna önümçiligini hem görkezmek bolar. Türkmenistanyň ýadygärliklerinden ýüze çykarylan aýnadan ýasalan zatlar özleriniň nepisligi bilen göreni haýran edýärler. Olar dürli reňkli aýnalardan galyň we ýukajyk edip, üfläp we guýma usulynda ýasalypdyr.

Günorta Türkmenistanyň ösen şäherleri bolan Merw, Nusaý, Şähryslam, Misseriýan ýaly orta asyrlaryň medeni merkezlerini häsiýetlendirmekde, olaryň sungat derejesine ýetirilen senetçiliginiň bolandygyny aýna önümçiliginiň mysalynda hem aýdyň görmek bolýar.

XX asyryň 20-nji ýyllarynda Türkmenistanda ilkinji senagat kärhanasy gurlup, aýna önümlerini çykaryp başlapdyr. Şol zawod Orta Aziýada aýna önümçiliginiň başyny başlan kärhanadyr. 1928-nji ýyldan başlap aýna önümlerini, 1938-nji ýylda bolsa penjire aýnalaryny öndürmeklik mehanizmleşdirilipdir. XX asyryň aýagyna çenli aýna kärhanasy uly toplum — kombinat derejesine ýetip, onda ýokary hilli önümleri — penjire aýnalaryny, dürli görnüşli gaplary, çüýşeleri, termoslary, çyra çüýşeleri, günden goraýan we başga birnäçe görnüşli aýnalar öndürilipdir. Çykarylan önümlere diňe bir Türkmenistanda däl, eýsem, Ukraina, Eýran, Owganystan, Türkiýe ýaly başga-da köp ýurtlarda uly isleg bildirilipdir.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow täze we kuwwatly aýna kärhanasynyň gurluşygyny möhüm wezipeleriň hatarynda goýdy. Aşgabadyň demirgazygynda ýerleşýän

Owadandepede täze kuwwatly aýna kärhanasynyň gurluşygy güýçli depginde amala aşyryldy we önüm öndürip başlamaga taýýar edildi. Onuň öndürjek önümleri diňe türkmenistanlylaryň islegini kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, dürli ýurtlara ýokary hilli önümleri eksport eder. Gadymy senagat bu gün Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe gülläp ösüşlere eýe bolýar.

Nurgözel BÄŞIMOWA,
Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh institutynyñ uly ylmy işgäri.

# 7-nji hepde üçin tekstler

**«KÖÝTENDAGDA ISGENDERIŇ YZY BAR»**

Güneşli Diýarymyzyň iň belent gerşi bolan Aýrybaba gerşiniň golaýynda, Köýtendagyň çür depesinde Hoja Isfat ata zyýaratgähi ýerleşýär. Zyýaratgähiň gapdalynda, dagyň depesinde suwdan doly guýynyň golaýynda adam yzyna meňzeş yzyň bolmagy «Gudrat görseň, daglara bar» diýleni-dä» diýdirýär. Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistan — Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitabynda bu hakda şeýle belleýär: «Dag ülkesine syýahatçylyk ugrunyň «Ertekilerdäki Köýtendag» diýlip atlandyrylmagy hem tötänleýin däldir».
Il arasynda aýdylyşyna görä, Hoja Isfat ata uzak ýyllar mukaddes Käbä hyzmat edip, Alla wepalylygy isfat — subut bolan ýagşyzadalaryň biri bolupdyr. Şonuň üçinem halk arasynda: «Bu ýere üç gezek zyýarat eden adamyň hajy kabul bolarmyş» diýlen gürrüň bar. «Meşhur serkerde Isgender Zülkarneýn Köýtendaga gelende, bu ýerde onuň aýak yzy galypdyr» diýip rowaýat edýärler. Akademik M.Ý.Masson «Aşaky Kaşkaderýa welaýatlarynda paýtagt şäherler» atly kitabynda meşhur serkerde Aleksandr Makedonskiniň — Isgender Zülkarneýniň Amyderýanyň Kelif geçelgesini peýdalanandygyny ýazýar. Alymyň ýazmagyna görä, Isgender Zülkarneýn biziň eýýamymyzdan öňki 329-njy ýylda pars topragyna aralaşanda, Ahemini patyşasy Dariý III tarapyndan Baktriýa häkim bellenen Bess öz patyşasyny öldürip, özüni Dariý III diýip yglan edýär we Kelif geçelgesinden geçip, Kaşkaderýa ýerlerine gaçýar. Mundan habarly Isgender Bessi yzarlap, uly goşun bilen Kelif geçelgesine gelýär we Amyderýadan geçip, 30 müň adamly goşuny Bessiň yzyndan ugradyp, özi Kelifde galýar. Bessi tutup getirýärler

we oňa Isgenderiň buýrugy bilen demirgazyk Baktriýada bir galada jeza berilýär. Käbir maglumatlara esaslansaň, şol galanyň häzirki Kerki etrabyndaky Mürzebeg gala bolaýmagy mümkin diýen pikire gelýärsiň. Mürzerbeg gala Amyderýanyň Kelif we Zemm geçelgeleriniň arasynda ýerleşip, ol geçelgelerden 30-40 kilometr uzaklykda ýerleşýär. Bu galany öwrenen alymlar Mürzebeg galanyň ýaşyny gadymy Baktriýa döwründen mongol-tatar basybalyşlaryna çenli döwür diýip kesgitläpdirler. Häzirki döwürde ýedi gektardan hem köp ýeri tutup ýatan Mürzebeg galadan 1985-nji ýylda tapylan, häzir etrabyň 12-nji orta mekdebiniň muzeýinde saklanylýan, ellin medeniýetine degişli ýaş ýigidiň heýkeli bu ýerde grekleriň uzak wagt saklanandygyny tassyklaýar. Heýkeliň Köýtendagyň hek daşyndan ýasalmagy onuň hut şu ýerde ýasalandygyndan habar berýär. Akademik M.Ý.Masson agzalan kitabynda Isgenderiň biziň eýýamymyzdan öňki 327-nji ýyla çenli iki ýyl Badahşana we Hindistana ýörişine Kelifde taýýarlyk görendigini ýazýar. Netijede, Kelif şol döwürde harby we ykdysady taýdan ähmiýetli merkezleriň birine öwrülýär. Rus alymy W.W.Bartoldyň pikirine görä, Kelif yslama çenli döwürde dini merkezleriň biri bolupdyr. Bu ýerde Isgender Zülkarneýniň ady bilen bagly birnäçe jaýlar, ybadathanalar gurlupdyr. Gadymy döwürde «Isgender Zülkarneýn ähli baýlygy bilen Kelifde jaýlanypdyr» diýlen gürrüň hem ýaýrapdyr. W.W.Bartold bu rowaýata ynanan Sasany patyşasy Anuşirwanyň Kelifde uzak wagtlap netijesiz hazyna gözlegini geçirendigini ýazýar. Taryhçy Ş.S.Kamaliddinow «Arap ýazuw çeşmelerinde IX—XIII asyryň başlarynda günorta Sogdynyň we Toharystanyň taryhy geografiýasy» atly işinde X asyrda Kelifiň çep kenar Amyderýa böleginde «Zül-Karneýn» metjidi, sag kenar Amyderýa böleginde bolsa «Zül-Kifl» metjidi bolup, olaryň arasynyň geçelge bilen üpjün edilendigini belleýär.

Geçen asyryň 80-nji ýyllarynda Köýtendag etrabynyň 5-nji orta mekdebiniň baýry taryh mugallymy Işgurban Baýnazarowyň Kelifiň golaýynda täze açylan ekin meýdanlaryndan makedon goşunynyň esgeriniň tuwulgasyny tapmagy Isgenderiň goşunlarynyň bu ýerde bolandygyndan habar berýär.

Köýtendaglylaryň arasynda Aleksandr Makedonskiý ýatlanylýan rowaýatlar az däl.

Görşümiz ýaly, Isgender Zülkarneýniň yzlary diňe Köýtendagda däl-de, eýsem, tutuş ýurdumyzda hem görünýär. Ol gadymy halkymyzyň müdimi hakydasynyň keşbini janlandyrýar.

Tölegen ISMANKULOW,

Köýtendag etrabyndaky 4-nji orta mekdebiň ýokary derejeli taryh mugallymy.

## YSMAMYT ATA ÝADYGÄRLIGI

Taryh ylmyny ösdürmek barada uly tagallalar edilýär we gadymyýetiň ýadygärliklerini gorap saklamaga, olarda dikeldiş hem-de rejeleýiş işlerini geçirmeklige möhüm ähmiýet berilýär. Türkmenistanyň millli mirasyny öwrenmekligiň, dünýa ýaýmaklygyň wajypdygy barada Hormatly Prezidentimiz şeýle belleýär: ”Millilige, ynsanperwerlige, ýagşylyga ýugrulan maddy-ruhy gymmatlyklarymyzy öwrenmek, dünýa ýaýmak, olara halkara ylmy jemgyýetçiliginiň ünsüni çekmek biziň esasy maksatlarymyzyň biridir.”
Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanynda ata-babalarymyz tarapyndan bize miras galdyrylan ýagygärlikleri öwrenmäge, olarda rejeleýiş işlerini geçirmäge hem-de täze nesle abat ýagdaýynda ýetirmäge giň ýol açyldy. Şol mümkinçiliklerden peýdalanyp, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh instituty hem taryhy ýadygärlikleri rejelemekde we gorap saklamakda birnäçe işler amala aşyrýar. Türkmenistanyň çägi taryhy ýädygärliklere örän baý. Ýurdumyzyň islendik welaýatyny alyp görseň-de, olarda özleriniň arhitektura aýratynlyklary bilen tapawutlanýan meşhur taryhy ýagygärlikleri we aramgähleri görmek bolýar. Daşoguz welaýaty hem taryhy we medeni ýadygärliklere baý ýerleriň biridir. Ol ýerde orta asyrlarda salnan ajaýyp bina ýagygärlikler diňe bir biziň halkymyzyň däl eýsem bütin dünýäniň halklarynyň ünsüni özüne çekýär. Şol ýadygärlikleriň käbirleri keramatly hasaplanýarlar we olara dünýäniň çar künjünden zyýarata gelýärler.
Şeýle keramatly saýylýan ýerleriň biri-de Ysmamyt ata ýadygärlik toplumydyr. Ol Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň “Zaman” daýhan birleşiginde ýerleşýär. Ysmamyt ata çylşyrymly binagärlik toplumyndan ybarat bolup, XI-XII asyrlara degişli Eşretgalanyň harabalygynyň (170x170m) üstünde salnypdyr. Şol sebäpli hem gurlan binalar beýikli-pesli, ýagny olaryň düýbi deň derejede tutulmandyr we dürli döwürlere degişlidirler. Taryhy ýadygärlikleri we olaryň gurlyş aýratynlyklaryny öwrenýän Ýu.W.Steblýuk Ysmamyt atanyň dini ähmiýetiniň örän ulydygyny, şol sebäpli-de bu ýere Horezmiň ähli künjeklerinden zyýaratçylaryň gelýändikleri, sebitiň ähli welaýatlarynyň we etraplarynyň ýaşaýjylary – türkmenler, özbekler we gazaklar bu ýerde özleriniň merhumlaryny

jaýlaýandyklary barada ýazýar.
Ysmamyt ata barada ilkinji gezek XVII asyrda Hywa taryhçysy Abulgazynyň işinde, Şähristan bilen Horezmiň ýolunyň ugrunda ýerleşýän obalaryň atlarynyň arasynda agzalýar. XIX asyrda Munisiň berýän habaryna görä, häzirki Ysmamyt ata toplumyna degişli binalaryň birnäçesi XVIII asyrda salnypdyr3. Akademik Ýa.G. Gulýamowyň pikirine görä, Ysmamyt atanyň töwereginden ýygnalan keramiki bölekler Afrigiler döwrüne, IX-X asyrlara, binalaryň salnyş usullary boýunça bolsa, XIII-XIV asyrlara degişlidirler.
Halkyň arasyndaky ýörgünli rowaýata görä, biziň eýýamymyzyň VII asyrynda häzirki Türkmenistanyň çäklerinde, Horezmde yslam dinini wagyz etmäge Muhammet Pygamberiň egindeşleriniň we serkerdeleriniň biri bolan Musaib Kazy Sahabyň ogly Isym Sahab gelýär. Şol wagtlar Eşretgala şäheri bolup, onda Soltan Mahmyt hökümdarlyk edipdir. Halkyň arasynda onuň abraýy örän uly bolupdyr. Isym Sahab Soltan Mahmyt bilen duşuşypdyr. Hökümdar yslamyň näme wagyz edýändigi bilen gyzyklanypdyr. Yslamyň bir hudaýa ynam edip päk ýürekli bolmalydygyny aýdylanda, ol biz hem bir hudaýa ynanýarys we päk ýürekli bolmalydygyny wagyz edýäris diýip yslamy wagyz edilmegine garşy çykmandyr. Tiz wagtdan Soltan Mahmydyň özi-de ýakynlary bilen yslamy kabul edipdir. Birnäçe wagt geçenden soň Soltan Mahmyt Isym Sahabyň ýanyna gelip, özüniň oglunyň ýokdugy we nesliniň dowamynyň bolmajakdygy sebäpli, adynyň ýitip gitjekdigini düşündirip, ondan yz galar ýaly atlaryny birleşdirmegi haýyş edipdir. Isym Sahab razy bolup, şeýle hem edilipdir. Isym Sahab ömrüniň ahyryna çenli şol ýerde ýaşapdyr we ölenden soň hem Eşretgalada jaýlanypdyr. Soltan Mahmyt onuň adyny halkyň arasynda ebedileşdirmek babatda alada edipdir. Yslamyt ata ady hem şol iki meşhur şahsyýetleriň - Isym Sahab bilen Soltan Mahmydyň atlarynyň birleşdirilmeginden gelip çykypdyr. Şondan bäri hem bu toplum Isymmahmyt-Ysmamyt bolup galypdyr.
Ysmamyt ata toplumy barada halkyň arasynda diňe rowaýatlar dilden-dile geçip gelýär, emma bu şahsyýetler barada taryhy resminamalar saklanyp galmandyr.
Ysmamyt ata toplumynyň töweregini uly gonamçylyk (4-5 ga) gurşap alýar. Gonamçylykdaky iň uly mazar Ysmamyt atanyň (Isym Sahabyň) mazary-kümmetidir. Soltan Mahmyt hem şol ýerde jaýlanan bolmaly, emma onuň mazary saklanyp galmandyr.
Ysmamyt ata binagärlik toplumynyň Eşretgalanyň galyndysy bolan belentlikde gurlandygyna garamazdan, töwerekdäki zeýkeşleriň joşmagy zerarly, bu gonamçylygy birnäçe gezek suw alandygy barada bellenilýär. Toprakdan syzyp geçýän şor yzgaryň asyrlaryň

dowamyndan häzirki günlere çenli berýän güýçli zeperi zerarly, ýadygärlige weýran bolmak howpy abanypdyr.
Bu toplum iki sany uly gümmezli, zyýaratçylar üçin namaz, gurhan okalýan, dileg edilýän otagly we mazarly Ysmamyt atanyň kümmetinden; ýedi gümmezli uzyn däliz görnüşinde salnan “Daşköçe” diýlip atlandyrylan desgadan; toplumyň galan bölegi bilen birikdirýän dälizden; gyşky we ýazky metjitlerden; aşhanadan; hanaka ýa-da medreseden durýar.
2009-njy ýylyň aprel aýynda Ysmamyt ata binagärlik toplumynyň ýanynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh institutynyň ylmy işgärleri - arheologlar – O.Orazow, Ş.Annataganow, antropolog – O.Babakow, taslamanyň ýolbaşçysy – N.Bäşimowa we Köneürgenjiň ýadygärlikleri goramak baradaky Goraghanasynyň müdiri, rejeleýji işgärleri, gurluşykçy inžener, arhitektorlar, şeýle hem Ysmamyt ata gonamçylygynyň ymamyndan düzülen toparyň gatnaşmagynda maslahat geçirildi. Maslahatda Ysmamyt ata binagärlik toplumyny rejelemek işini geçirmeklik makul bilindi.
Arhitektorlaryň takyk ölçeg alýan lazerli gurallarynyň kömegi bilen ýadygärligiň çyzgylary taýýarlandy we şol ýerde kompýutere salyndy. Her gümmeziň, Daşköçäniň demirgazyk we günorta diwarlarynyň ýüzündäki ýaý görnüşli ýedi sany arkanyň, gümmezleriň aralygyndaky gädijekleriň takyk ölçegleri alnyp, aýratynlygy göz öňünde tutulyp, rejeleýjiler üçin iş çyzgylary taýýarlandy.
Daşköçäniň demirgazygyndan we günortasyndan uzaboýuna (her tarapyndan 40 m), binýadynyň başlanýan ýerine çenli çukur gazyldy we diwarlaryň daş ýüzünden berkitmek üçin bişen kerpiçden ini 80sm, boýy 1,5-2m barabar binýady tutuldy we yzgar geçmez ýaly ilki bitum çalyp, soň polietilen bilen daşyny ýapyp, üstüne ruberoid düşelip berkidildi.
Arhitektorlaryň taýýarlan çyzgylary esasynda rejelemek kada-kanunyny yzarlap, Daşköçäniň diwarlarynyň ýüzündäki aýlawly-arka görnüşli bezeglerde, ýedi sany gümmezde, gümmezara gädijeklerde we portalynda-girelgesinde kerpiçleri ýonup, gerek ölçeglere gabat getirip, rejeleýiş işleri geçirildi. Şol bir wagtda Daşköçäniň we aramgähiň içinde abadanlaşdyryş işleri hem geçirildi.
Häzirki wagta çenli Ysmamyt atanyň kümmetiniň gümmezleri, girelgesi we basgançakly meýdany rejelendi. Ýadygärlik toplumynyň gurluşlarynyň içki we daşky görnüşleriniň ählisi surata düşürildi.
Ysmamyt ata ýadygärlik toplumynyň galan bölegi bolan gyşky we ýazky metjitlerinde, aşhanada we hanaka-medresede rejeleýiş işlerini gelejekde dowam etdirmeklik göz öňünde tutulýar.

Nurgözel BÄŞIMOWA,
Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh institutynyň bölüm müdiri.

# 8-nji hepde üçin tekstler

## TYLLA ÖWÜŞGINLI ZYNATLAR

Baý milli mirasymyzy hemmetaraplaýyn öwrenmek we geljekki nesillerimize ýetirmek üçin gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýan zergärlik sungatymyzy täze öwüşginler bilen baýlaşdyrmaga saldamly goşant goşýan zergärleriň biri-de Salam Nuryýewdir. Onuň döredijilik ussahanasynda taýynlap, ýurdumyzda giňden bellenilýän milli toý-baýramlarymyz mynasybetli guralýan sergilerde görkezýän şaý-sepleri bu günki gün-de öz tyllaýy öwüşginleri bilen gadymy we müdimi sungatymyzyň täze galkynyşa eýe bolandygynyň aýdyň alamatydyr.

Gadymy zergärler täze işe başlanlarynda, biri-birlerine «Hünärli çeşmäň egsilmesin!» diýip, ýagşy dileg edipdirler. Şeýle ýagşy dileglere eýerýän zergäriň öz iş usuly bar: ussatlaryň mähir-yhlas siňdirip ýasan gadymy nusgaly bezeg zynatlarynyň asyl nusgasyny ýoýman, olary täzeden işläp, döwrebap şaý-sepleri ýasamak. Ol öz döwründe milli medeniýetimiziň, sungatymyzyň ösmegine saldamly goşant goşan halypa zergärlerden miras galan dürli bezeg zynatlaryny içgin öwrenýär. Nepisligi, kämilligi bilen uzak asyrlar aşyp, biziň günlerimize gelen ajaýyp bezegleriň göz gamaşdyryjy gözelligine maýyl bolýan zehinli zergär ussat halypalaryň nusgalyk ýol-ýörelgelerini uly abraý bilen dowam edýändigine buýsanýar. Milli zergärlik sungatymyzda öçmejek yz galdyran Paşaguly Amangulyýew, Muhammetoraz Annaamanow ýaly ussat halypalardan tälim alyp, olaryň bu ugurda bitiren bimöçber hyzmatlaryndan ruhlanyp, gadymy nusgaly zynatlary kämilleşdirmekde gujur-gaýratyny gaýgyrmaýan zergäriň döredijilik gözlegleri barha giň gerime eýe bolýar. S.Nuryýew ýurdumyzyň daşary döwletlerde geçirilýän Medeniýet günlerine gatnaşyp, dostlukly döwletleriň sungat muşdaklaryny milli senedimiziň ajaýyp nusgalary bilen ýakyndan tanyşdyrýar. Daşary ýurtlarda belent ruha beslenip geçirilen halkara derejesindäki medeni çäreler arkaly dostlukly döwletleriň sungat muşdaklary halkymyzyň uzak asyrlaryň dowamynda kämilleşdiren milli senedi barada giňişleýin düşünje alýarlar.

Dana halkymyz: «Dür ýasalmaz ussatsyz» diýýär. Ol bize öz täze ýasan bukaw, syrga, gülýaka, asyk, dagdan, ýüzük, bilezik ýaly milli zergärlik sungatymyzda giňden belli bolan bezeg zynatlaryny uly höwes bilen görkezdi. Halypa zergärleriň elinden çykan, tyllaýy öwüşginli zynatlardan birjik-de tapawutlanmaýan bezeg şaý-seplerine onuň milli sungatymyza bolan çäksiz söýgüsini ussatlarça siňdirmegi başarandygy mese-mälim duýulýar.
Biri-birinden owadan bezeg şaý-sepleriniň ýasalyş aýratynlyklary barada gürrüň berýän zergär özüniň köp zähmeti we uly zehini talap edýän işinde maşgalasy Göwheriň hyzmatynyň uludygyny aýratyn belleýär. Milli zergärlik sungatymyzdan inçelik bilen baş çykarýan Göwher gadymy nusgaly bezeg zynatlaryny täzeden işlemek, olary dürli gaşlar bilen bezemek ýaly işlerde oňa ýardam berýär. Ol Göwher bilen bilelikde birnäçe bezeg zynatlaryny ýasapdyr. Giň we ýagty ussahanada taýyn edilip goýlan dürli şaý-sepler barada joşup gürrüň berýän zergär öz söýgüli bezeg şaý-sepiniň gülýaka atly zynatdygyny buýsanç bilen aýtdy. Ol gülýakanyň birnäçe görnüşini ýasapdyr. Dogup gelýän Güne çalym edýän bu zynat adaty bezeg şaý-seplerinden diňe göwrümi boýunça däl-de, eýsem, bezelişi boýunça hem tapawutlanýar. Bu zynatyň şeýle owadan ýasalyşy we bezelişi kämillige gol beren zergäriň bu ugurda baý tejribe toplandygynyň hem-de onuň irginsiz döredijilik gözlegleriniň uly üstünliklere beslenýändigininiň aýdyň nusgasydyr. Söýgüli zynaty bolan gülýakany, adaty bezeg gaşy bolan hakykdan başga-da, pöwrize, zümerret ýaly gaşlar bilen bezemegi bolsa arkama-arka dowam edip gelýän milli zergärlik sungatymyza täze öwüşgin çaýýar. Gadymy sungatymyzy has-da kämilleşdirmekde uly işleri alyp barýan zergär, bu gaşlary giňden ulanmak bilen, bezeg zynatlaryny has-da baýlaşdyrýar. Bu işde ol dürli gaşlaryň özara sazlaşmagyna uly üns berýär. Biri-biri bilen özara sazlaşýan gaşlar halkymyzyň belent sarpalaýan sungatynyň gadyr-gymmatyny has-da artdyrýar. Ol ussat zergärleriň ýasan nusgalyk bezeg zynatlarynyň ýüzüne çeken hüwi, alma çigidi, üzülmez, aýgyzyl ýaly dürli nagyşlarynyň bolmagy barada alada edýär. Altyn bilen kümüşden ýasalyp, hakyk, pöwrize, zümerret ýaly gaşlar oturdylyp, täze öwüşgine eýe bolýan dürli bezeg şaýlarynyň ýüzüni çynar, söwüt, kerkaw, injir, üzüm ýaly dürli agaçlaryň, baglaryň ýapraklary bilen bezeýär. Onuň täze ýasan dürli bezeg zynatlary gaýtalanmajak gözellik bolup, ruhuňy belende göterýär.
Häzirki wagtda Salam Nuryýew Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynda tälim alýan ýaşlara ajaýyp zynatlary kämilleşdirmegiň inçe syrlaryny öwredýär.

Meretgylyç ÝAGMYROW.

# 9-njy hepde üçin tekstler

## TÜRKMENIÑ SÖZ BAÝLYGY EGSILMESIN

Türkmeniñ söz baýlygy hakynda gep gozgajak bolsak, turuwbaşdan ellerinden dür dökülýän türkmen zenanlarynyñ deñi-taýy bolmadyk çitme, kakma, örme zatlary barasynda aýtmaly bolýarys. Gadymy döwürlerden bäri zenanlar durmuşda, ýaşaýyşda zerur gerek zatlary el hünärleri bilen döredipdirler. Özleri at dakyp, türkmeniñ söz baýlygyny artdyrypdyrlar. Türkmen zenanlarynyñ geçen asyrlarda maşgalanyñ gün-güzeranyny dolandyrmakda, eşretli ýaşaýşyñ düýbüni tutmakda erkek adamlary tesdiren ýyllary sanardan köpdür. Erkekler öýüñ süññüni satyn alsa, **üzük, durluk, serpik, tarpýapar, gapykilim, golañ, düzi ukbagy, tüýnükýüp, öý gamyşy, alaýüp, tärimýüp** ýaly zatlar naçarlaryñ çeper elleriniñ önümidir.

Türkmen öýi kemala gelýär. Indi onuñ içine goş-golam gerek. **Haly, palas, kilim, garçyn, düýptorba, germe çuwal, iktorba, kendirik, saçak (düýeýüñden egrilýär, kakylýar, inedördül tikilýär), goştorba (susak, kepgir, çemçe salynýar), ojakbaş, düşekkeçe, ýankeçe** ýaly zatlar zenanlaryñ on barmagynyñ hünärleridir. Kerwen gurap argyşa gitmek üçin howutlyk ýüp egirmeli, ýüwürtmeli, gylyç bilen kakyp, howutlyk taýýarlamaly. Argyşa äkitmek üçin goştorba taýýarlamak-da zenanlaryñ borjy hasaplanýar. Elbetde, erkekleriñ-de özüne ýetik işleri bolupdyr. Olar **hatap ýasamak, çemmeler, büýli, çetnik, burnuk, nogta** ýaly zatlary amal edipdirler.

Ýaradanyñ mähri siñen türkmen bedewlerimizi-de bezemeli. **Atkeçe, içirgi, uýan, eýer, agyzdyryk** ýaly zatlary är-aýal birigip edipdirler. Zat ýitýär - at ýitýär. Söz baýlygy egsilýär. Ýalançy dünýäniñ ýyllary möwrit-möwrit geçip dur. Pelegiñ çarhynyñ gudraty şeýle, her döwrüñ özüne görä durmuşy, ýaşaýşy bolýar. Zerurlyk ýitýär. Sözleriñ birnäçesi syrylyp galýar. Ýük maşynyñ bar ýerinde kerwen gural argyşa gitmegiñ zerurlygy ýok. Şu ýerde-de **howut, halyk, çemmer, çuwal, çuwalbagy, köji, köjibagy, hatap, çetnik, burnuk** ýaly sözler ýitýär, ulanyşdan galýar. Ak "Wolgadyr" dürli kysymly ýeñil awtomobiller bolsa düýäniñ üstüne kejebe gurap gelin almak ýaly ajaýypdan gözel däbimizi durmuşymyzdan daşlaşdyrdy. Şeýdibem, kejebäniñ bezegleri

bolan **düýebaşlyk, düýehalyk** ýaly sözler gepleşikden galyberdi. **Çaryk, çokaý, dolak** ýaly zatlar bilen baglanyşykly sözler-de, gynansak-da, ýitip barýar. Hawa, durmuşyñ özgermegi bilen şäherde ýaşaýan ýaşlaryñ ýokarda agzalan esbaplaryñ atlaryny bilmezligi juda mümkin zat. Şonuñ üçin ene-atalar, mugallymlar, ýaşulular ýaşlarymyza olary öwretseler gowy bolardy. Mümkinçiligi bar ýerinde ýitip barýan zatlary görkezseler; adyny aýtsalar, ona ýetesi zat ýok. Umuman, şu ugurdan ündewi-ünsi güýçlendirmeli.

Tatar ÜÝŞMEKOW.

## EDEBI MIRASYMYZDA IŞLIK ŞEKILLERI

Türkmen dilinde öten zaman ortak işliginiň -an/-en goşulmasyny alan sözlemiň habary kem işlik goşulmalaryndan -myş/-miş, -dyr/-dir, eken alyp ýa-da almazdan, sözlemde gutarnykly bir oý-pikiri aňladyp bilýärler. Dilçileriň belleýşine görä, -an/-en goşulmasy habar berýäniň bolan wakany görmese-de, gören ýaly edip beýan etmeginde ulanylýan nämälim öten zaman ýa-da nämälim hekaýa öten zaman goşulmasydyr. Bu goşulmanyň ýoklugy bolan -ma/-me ýokluk goşulmasy bilen ýasalyşynyň irki golýazmalarda geçýändigini dilçi alym B.Çaryýarow öz işinde belläp geçýär. Hakykatdan--da, B.Çaryýarowyň belleýşi ýaly, taryhda -magan/-megen görnüşinde bolandygyny golýazma çeşmelerinden hem görmek bolýar: Gorkut ata şadessanynda: «Kazylyk atyn kişnetmegen». Zahyreddin Babyryň diwanynda: «Gussadan tapmagan aman, köňlüm».

Häzirki zaman türkmen dilinde -ma/-me goşulmasy -an/-en goşulmasy bilen birigip -man(dyr)/ -män(dir) şekilini alypdyr. Muňa garamazdan, -man(dyr)/ -män(dir) goşulmasyny öten zaman ortak işliginiň ýoklugy diýip bolanok. Ýogsam düzüminde -an/-en ortak işliginiň öten zaman şekili hem bar. Haýran galaýmaly ýeri -man(dyr)/ -män(dir) ýokluk goşulmasy hyzmaty taýyndan -an(dyr)/ -en(dir) goşulmasyna ýakyn bolan, hat-da, käbir ýagdaýlarda bir-biriniň ýerine hem ulanylýan hal işligi bolan -yp(dyr)/ -ip(dir) goşulmasynyň ýoklugyny aňlatmak üçin ulanylýar. Onuň ýerine -an(dyr)/-en(dir) goşulmasynyň ýoklugy däl(dir) sözüniň kömegi bilen ýasalýar. Mysal üçin: gelip(dir)– gelmän(dir), gelen(dir)– gelen däl(dir).
Taryhy babatdan ikisiniň düzüminde hem ortak işligiň öten zaman

şekiliniň bardygyna garamazdan, -an/-en däl(dir) bilen -man(dyr)/-män(dir) goşulmasynyň arasynda ýoklugyň beýan edilişi taýyndan tapawut bardyr. -an/-en däl(dir) düzümi hereketi däl-de, hereketiň amala aşmagy bilen ýüze çykjak ýagdaýy ýokluga öwürýän bolsa, tersine -man(dyr)/-män(dir) goşulmasy hereketiň ýoklugyny bildirýär. Ortak işliginiň ýoklugynyň däl sözi bilen ýasalmagynyň esasy sebäbi, -(an)dyr/-(en)dir habarlyk goşulmasynyň täsiridir. Beýleki habarlyk goşulmasy bolan -myş/-miş, dy/-di, ka/-kä we eken sözi ortak işligine goşulanda bolsa, olaryň ýoklugy -man(myş)/-män(miş), man/-män (eken) görnüşinde ýene asyl durkuna gaýdyp gelýär.

Nurgeldi TUWAKOW, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar institutynyň kiçi ylmy işgäri.

# 10-njy hepde üçin tekstler

## POEZIÝA

Poeziýa döredijiligiñ iñ kyn çylşyrymly ugrudyr. Goşgynyñ berýän ryhy lezzetini hiç zat berip bilmeýär. Döredijilikde hakyky poeziýanyñ derejesine ýetjek başga hiç bir zat ýokdur. Goşgynyñ üsti bilen aýdyp bolmaýan zat hem ýok. Ýöne gep aýtjak pikiriñi goşgynyñ üsti bilen aýtmany başarmak ussatlygynda. Goşgy bilen aýdyp bolmadyk zat gymmatlyga eýe däldir.
Hakyky goşgular köp däldir. Olar hakyky poeziýanyñ köküni gymmatyny düzýärler. Hakyky goşgularyñ nähili döreýändigini hiç kim bilmeýär. Hakyky goşgy göze görünmeýän ägirt uly ruhy güýjiñ, ruhy ahwalatyñ nyşanydyr. Ruhy ahwalat bolsa her gün ýüze çykyp duran hadysa däldir.
Pelsepe onuñ düýp esasyny düzýär. Hakyky poeziýa ynsanyñ kalbynyñ çuñ ýerinden dözbaş alýar. Onuñ iñ pynhan duýgularynyñ bir bölegini suratlandyrýar. Ol diñe adamzada, ynsanperwerlige, gözellige hyzmat etýär.
Goşgy ýazmak, hakyky manysynda, ejirlerine döz gelip bolmajak agyr işdir. Goşgy seni bütünleý özüne baglap goýýar. Hakyky goşgy ynsandan ähil güýçlerini, ähli ukyp-başarnygyny tijemegi, zehin goruny orta goýmagy, ruhy taýdan ölüp direlmegi talap edýär. Hakyky goşgy ruhyñy añyñy ähli barlygyñy terezä goýulup ýazylan goşgulardyr.

Hakyky goşgy uzak oýlanmalardan, ruhy ejirlerden, agyr synaglardan soñ döreýär. Goşgy ýazýanlar goşgynyñ şeýle bimöçber agyr azaplardan döreýändigini duýmalydyrlar. Goşgy ýazylanda öz wyždanlarynyñ öñünde uly jogapkärçiligi duýmalydyrlar.
Poeziýa nämäni talap edýär? Ilkinji nobatda ussatlygy talap etýär, uçursuz zehini talap edýär. Durmuşy örän oñat bilmegi, gözelligi söýmegi, tebigaty söýmegi, adamyñ ruhyna düşinmegi, ýaşaýşa söýgüden yşka düşüp ýanmagy, gözýaşlardan durmuş ýasamagy, çensiz duýgurlygy, syzgyrlygy, synçylygy talap edýär. Çäksiz ruhy ejirleri, adaty adamlaryñ görüp bilmeýän zatlaryny görmegi, uly ýüregi, tebigatda bolup geçýän uly hadysalara guwanmagy başarmagy, çaganyñ kalby ýaly päk kalby talap edýär. Goşgy ýazmak wyždanyñ, sözüñ gudratynyñ öñünde kelläñi ýalañaçlap durmakdyr. Goşgy ýazmak ruhy taýdan ejir çekmekdir, özüñi meýletin agyr synaglara, ruhy azaplara, tükeniksiz ejirlere dõzmekdir.

Hemra HAÝTJANOW.

## GÖLE DAWASYNYŇ TÄZE TAPYNDYSY

Öwezberdiniň ogly Körmolla Suhanberdiniň ýaşlygy Daşhowuz sebitlerinde geçenem bolsa, gün-güzeranlaryny dolandyryp bilmänsoň, Sakarçäge etraplaryna göçüp baryp, daýhançylyk bilen meşgullanypdyr.
Suhanberdi ýigrimi üç ýaşyndaka iki görejinden mahrum bolup, Körmolla lakamyna eýe bolupdyr. Onuň çep gözi azajyk saýgarýanam bolsa, sag gözi hiç zat görmändir. Ol XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň 20-nji, 30-njy ýyllarynda ’’Bessir han’’, ’’Guýruk gitdi gördüňmi?’’, ’’Gahar donna giren Gülhan Soltanyýaz’’. ’’Iýse iýsin kooperatiwiň puludyr’’. ’’Aşyr keçjäň mele atyna taý ýokdur’’. ’’Çaý’’. ’’Palaw’’. ’’Ýusup han’’. ’’Durdy han’’ ýaly odalardyr ýiti duzly satiriki goşgularyň onlarçasyny döredipdir. Körmollanyň eserleri öz wagtynda doly toplanylmanlygy, galyberse-de, timarlaşdyrmak maksady bilen awtoryň özüniň üýtgedip duranlygy sebäpli, şahyryň ’’Göle dawasy’’ diýen eseri ’’Aç, Çotan arçyn’’, ’’Göläniň dawasyn açmaga geliň’’, ’’Göle dawasy’’ diýen ýaly dürli wariantlygy we köp atlylyga eýe bolupdyr. Şahyryň ’’Göle dawasy’’ eserinde şeýle waka beýan edilýär. Bir bendäniň gyranly düwençegi ýitýär. Bir palçy ony göle ýuwdandyr diýip toslaýar. Bu gürrüň Marynyň ähli etraplaryna ýaýraýar. Gyran

ýitiren adam: ’’Göläni öldürip, onuň garnyndan meniň gyranlarymy alyp beriň’’ diýip, oba arçynyna ýüz tutýar. Göläniň eýesi bolsa: ’’Birinjiden-hä, ony meniň gölämiň iýenem belli däl, onsoň ol gyran üçin men gölämi öldürip bilmen’’ diýip nägilelik bildirýär. Ol göläniň dawasyny çözmek üçin ýüz tutulan oba arçynlary köpräk para almak niýet bilen sähel zady çişirip, diňe öz bähbitlerini arap, düwünçegiň düwnüni çözmekligi uzaga çekdirýärler. Şol sebäpli Körmolla ’’Göle dawasynda’’ hakykatyň hatyrasyna däl-de, gara nebisleri üçin ylgaşyp-ylgaşyp ýören, para alyp, kiselerini galňatmak ugrunda göreşýän açgöz arçynlaryň, polkownikleriň (bolkoýnekleriň), generallaryň (ýanarallaryň), azgyn, ýalançy adamlaryň üstünden gülýär. Şahyr:

’’Uly ile iş boldy bir ýekeje göle,
Rumystan gelsin iňlisi bile’’

diýmek bilen, diňe bir oba, etrap, welaýat arçynlaryny däl, dürli halklary, daşary ýurt wekillerini hem göle dawasyny çözmäge çagyrýar. (Takmynan 1903-nji ýyl aýdym-saz öwreniji Rybakow tarapyndan ýazylyp alnan goşguda taýpa-tire atlary, ýer-ýurt atlary, ýerli arçynlaryň, baýlaryň atlary ökdelik bilen sanalypdyr). Ýokary gatlagyň wekilleri iş oňarmazlykda, adalatsyzlykda, nalajedeýinlikde, nebisjeňlikde uly ile masgara edilýär.
Biz bu goşgynyň doly wariýantyny şu wagta çenli halk arasyndan, Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň bukjalaryndan hem tapyp bilmän ýördük. Ýogsa, biz 1967-nji ýyl Körmollanyň ’’Saýlanan eserlerini’’ jemgyýetçilik başlanjygynda çapa taýýarlanymyzda hem, halk şahyrymyz Ata Salyhyň, Ç. Gurbangylyjowyň, A. Duşakowyň we başgalaryň toplan materiýallary esasynda ony doly ele salyp bilmändik.

Mertebeli Prezidentimiz Türkmenbaşynyň atalyk aladasy netijesinde biz edebi mirasymyzy toplamaklyga täzeçe çemeleşip başladyk. Uzak gözlegden soň, ’’Göle dawasynyň’’ 41 bentden ybarat doly wariýanty ele düşürildi. Körmollanyň ’’Göle dawasyny’’ aýdan 41 bendini filologiýa ylymlarynyň kandidaty, Türkmenistanyň sungatda at gazan işgäri Akmuhammet Aşyrow öz şahsy magnitofon lentasyna geçiren eken. Ýazgynyň kä ýerlerinde ’’Ehhä, ehhä’’... sagja bol’’ diýen ýaly sesler eşidilýär. Körmolla ’’diwan’’ sözüni ’’diwal’’, ’’arçyn’’ sözüni ’’diwal’’ diýip aýdar eken. Goşgudaky 13 bent henize çenli metbugatda çap edilmedik bentlerdir. A. Aşyrow bu goşgyny Türkmenistanyň belli wraçy Han Çapawyň şahsy arhiwinden ýazyp alan ekeni. Han Çapaw bolsa öz gezeginde

belli magaryfçy, filolog, professor Aman Garahanowyň şahsy arhiwinde saklanylýan gramplastinkadan göçüripdir. Ine, şol ’’Göle dawasy’’ diýen goşgynyň Körmollanyň dilinde ýaňlanan doly wariýanty aşakdaky ýalyrak bolmaly.

Allaberdi ORAZTAGANOW.
Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň söz folklory sektorynyň müdiri.
Edebiýat we Sungat gazeti 1997-nji ýylyň 3-nji oktyabr.

# 11-nji hepde üçin tekstler

## TÜRKMENLER WE KAWKAZ HEM-DE ZAKAWKAZÝE HALKLARY (AZIÝA WE ÝEWROPANYŇ ARALYGY)

Biziň derňeýän geografik çägimiz Aziýa we Ýewropa degişlidir. Emma Kawkaz we Zakawkaz halklarynyň aýratyn etnopsihologiýasy, olaryň ykballarynyň meňzeşligi bu sebiti tutuşlygyna seretmäge iterdi. Bu ýerde türki dilli halklaryň ata-babalary — skifler we sarmatlar täze eýýamdan has öň göçüp gelipdirler. Olar bu ýere iki ýol bilen — Hazaryň demirgazyk ýakasy we Eýranyň üsti bilen gelipdirler. Köp sanly turan taýpalary bolsa Kawkazyň we Zakawkazýäniň ýerli ýaşaýjylarynyň syýasy we medeni durmuşynda uly yz galdyrypdyr.
Täze eýýamyň ilkinji asyrlarynda bu ýere türki dilinde gepleýän halklar: awarlar, gunlar (hunlar), eftalitler (abdallar), hazarlar, oguzlar, gypjaklar we beýlekiler aralaşyp başlapdyr. Türki halklaryň bu sebite has köpçülikleýin göçüşi XI — XII asyrlarda seljuk-türkmen taýpalarynyň hereketi bilen baglanyşyklydyr. Ol Beýik Seljuk-türkmen imperiýasynyň, XII asyryň ortalarynda ol darganyndan soň bolsa, häzirki Siriýanyň, Yragyň, Eýranyň, Palestinanyň, Türkiýanyň, Azerbeýjanyň, Ermenistanyň, Gruziýanyň we käbir beýleki döwletleriň çäklerinde köp sanly türkmen döwletleriniň döremegine getirýär. Bu hereketler etnik we syýasy ösüş ýagdaýy güýçlenipdir. Eger seljuk türkmenleri Kawkaza Hazaryň günorta ýakasy bilen giden bolsalar, oguz-türkmen we gypjak taýpalarynyň beýleki bölegi Hazar deňziniň demirgazygyndan aýlanyp, Kawkaza barypdyr. Olaryň hemmesi häzirki Kawkaz halklarynyň etnik taryhynda uly yz galdyrypdyr.
XII asyrda gruzin patyşasy Dawid IV Gurujynyň çagyrmagy bilen

Artyk hanyñ ýolbaşçylygyndaky 40 müñ sany gypjak esgeri Gruziýa barýar. Bu goşunyñ düzüminde oguz-peçeneg esgerleri hem bolupdyr diýlip hasaplanylýar. Dawid IV hanyñ giýewsi bolmak bilen, gypjaklara ýaşamak üçin köp ýer bölüp beripdir. Gruzin awtory M.D.Lordkipanidze şeýle ýazýar: "Polowesler (gypjaklar — Ö. G.) Gruziýanyñ dürli welaýatlarynda ýerleşdirilipdir. Olaryñ bir bölegi içerki Kartlä göçürilipdir... Polowesler Gruziýada derrew uýgunlaşypdyr. Olar hristian dinini, gruzin dilini kabul edip, oturumly ýaşaýyş durmuşyna geçipdir we kem-kemden ýerli ýaşaýjylar bilen garyşypdyrlar(1).

Başga bir gruzin awtory G.Z.Ançabadze, gruzin ýylýazgylaryna salgylanyp, şeýle belleýär: "Georgiý III (1156 — 1184) we şa aýaly Tamaranyñ (1184 — 1213) goşunlarynda köp sanly gypjak goşunlary bolupdyr, olar "etnik taýdan gruzinler we Zakawkazýäniñ beýleki halkary bilen garyşypdyrlar, gypjaklar baradaky ýatlama toponimlerde we gruzin halk rowaýatlarynda saklanyp galypdyr"(2).

Eger gypjak-türkmen taýpalary Gürjüstana Ýewraziýa sähralygy tarapyndan giren bolsa, seljuk türkmenleri bu ýere Azerbeýjan tarapyndan gelipdir. Gruzin taryhçysy N.N.Şengeliýa "XI asyrda Seljuklar Gruziýada" diýen işinde "...Seljuklar Gruziýa birsyhly çozupdyrlar we möhüm harby dolandyryş ähmiýetli nokatlary eýeläpdirler... Gruziýanyñ çäginde türk (türkmen — Ö. G.) taýpalarynyñ köpçülikleýin oturumly bolmak ýagdaýy bolup geçipdir diýip ýazýar(3).

Ýokarda aýdylanlary teswirläp, alym W. L. Gukasýan: "Şol döwrüñ gruzin taryhçylaryna Gruziýanyñ iki at bilen belli bolandygy tötänden däldir: Kartweloba (sözme-söz: Gruzinoba) we Didi Turkoba (Beýik Turetçina). Gruziýanyñ bütin günbatar we gündogar bölekleri "Didi Turkobada " ýerleşýär... Oguz we gypjak taýpalarynyñ Gündogar Gruziýada mesgen tutandygyna şu zolagyñ etnotoponimleri-de şaýatlyk edýär: Tekeli (Marneul etraby, Mugaily (Dmanis, Bolnis we Marneul etraplary), Saatly (Dmanis etraby), Akkullar Kapanakçi, Ulaşly, Çanahçi, Borçalu (Marneul etraby) we başg"(4). diýip belleýär.

Gruzin dilçisi S. S. Jikiýanyñ türkmen-gruzin dil gatnaşyklaryny derñäp, türkmen "...leksiki elementleri gruzin dilinde halk hojalygynyñ maldarçylyk, balyk senagatynyñ önümleri, tagamlar we beýleki ugurlaryna degişlidir(5)" diýip ýazypdyr.

Baý gruzin folklorynda eýýäm oguzlar döwründe kabul edilen epik sýu£etler wajyp orny eýeleýärler. "Gorkut ata" eposyndaky Bekil we onuñ ogly Amran hakyndaky aýdymyñ käbir äheñleri gruzin

eposynyñ gahrymanlary Betkile we Amiran hakyndaky iñ gadymy ýatlama bolup durýar(6). Şeýle-de, Gruziýada türkmen eposy "Görogly" we Aşug Garib hakyndaky rowaýat örän meşhurdyr. Kerogly (Görogly) hakyndaky epos prozada berlendir we iki görnüşde goşgy bölekleri duşýar. Şahyrana bölegini ilki gruzin dilinde getirýärler, soñra bolsa "gruzin däl goşgularda" aýdym edip aýdýarlar(7)".

Türkmenleriñ ermeni halky bilen hem ýakyn gatnaşyklary bolupdyr. Olaryñ arasyndaky etnik, syýasy we durmuş-ykdysady gatnaşyklary bolupdyr. Olaryñ arasyndaky etniki, syýasy we durmuşy-ykdysady gatnaşyklar tä giçki orta asyrlara çenli dowam edipdir. Eýýäm XI asyryñ 40-njy ýyllarynyñ ortasyndan başlap, Ermenistan Beýik Seljuk-türkmen imperiýasynyñ düzümine giripdir. Diñe ýüz ýyl geçeninden soñra, Ermenistanyñ käbir welaýatlary bu ägirt uly ýurduñ düzüminden çykýar. Içerki Haçen (Daglyk Garabag) birinji garaşsyz ermeni knýazlygy hasaplanylýar. Ony Wahtang Beýik (1120 — 1150) esaslandyrýar. Uýgunlaşyş döwri örän ýeñil geçýär, şonuñ üçin ol ýa-da beýleki knýazyñ haýsy millete degişlidigini takyk anyklamak mümkin däl. Mysal üçin, 1214—1261-nji ýyllarda Haçeniñ knýazy Hasan Jalal bolupdyr. Ol ermeni awtory G. Akopýanyñ aýtmagyna görä, "...Gündogar ermeni ýurdunyñ knýazlygynyñ taryhynda Hasan Jalal ykdysadyýeti dikeltmek we esasan-da, bu ýerde medeni ojaklary döretmek we gülletmek üçin işleri bitiripdir"(8).

Bu knýazyñ oglunyñ Atabeg, aýalynyñ bolsa Arzy hatyn diýen türkmen atlarynyñ bolmagy hem gyzyklydyr. 1214-nji ýylda Arzy hatynyñ buýrugy boýunça, Dadi welaýatynda (Daglyk Garabag) Terteriñ kenarynda buthana gurlandygyna şaýatlyk edýän maglumatlar bar. Ol Dadiwank buthana toplumyna giripdir. Arsahda (Arsah — Daglyk Garabagda welaýat) haly önümleriniñ taýýarlanylmagy-da Arzy hatynyñ ady bilen baglanyşyklydyr. Orta asyr emeni taryhçysy Kirakos Gandzakesi Arzy hatyn barada şeýle ýazypdyr: "[Ol] (buthana) uly kömek etdi — öz gyzlary bilen geçiniñ dürli reñklere boýalan ýumşak ýüñünden buthananyñ çokunylýan keramatly törüne örtmek üçin ajaýyp tuty-örtük dokady. Onuñ ýüzi Halas edijiniñ we beýleki keramatlylaryñ güýçli söýgülerini anyk görkezýän çaýylan nagyşlar we keşdelenen şekiller bilen bezelipdir, olar hemmeleri haýran galdyrypdyr"(9).

Arap taryhçylary Arsah halylary barada haýran galyp gürrüñ edipdirler. Hut şu welaýatda türkmenleriñ we ermenileriñ sungaty has ýakynda utgaşypdyr. Ermenistand iñ gadymy haly şu ýerden

gelip çykypdyr we onuñ senesi 1202-nji ýyl hasaplanylýar(10). Türkmenler ussatlary Ermenistanyñ käbir etraplarynyñ diñe halyçylyk işine däl, eýsem, buthana binagärçiligine-de öz täsirini ýetiripdir. Onda türkmenleriñ Orta Aziýadan getiren türki-arap äheñleri utgaşýar. Ermeni şekillendiriş sungatyndan gowy baş çykarýan L.A.Durnowo "seljuk usulynyñ" buthananyñ bezeg nagyşlarynda, şeýle hem binagärligiñ özünde görünýändigi barada ýazýar(11).

Haçen knýazlygyna dolanyp gelsek, ermeni buthanasyna howandarlyk etmek däbiniñ XIV asyrda-da dowam edendigini bellemek gerek. Hasan Jelalyñ özüniñ, oglunyñ, aýalynyñ we Mama hatyn atly garry aýalyñ şekilleri çekilipdir.

Spitakawor buthanasynyñ türkmen serdarlarynyñ keşbi şekillendirilen güberçek bezeg daşlary hem täsindir. Olaryñ biriniñ ýüzünde knýaz Eaçy we onuñ ogly Emir Hasanyñ keşbi, beýlekisinde bolsa onuñ atyñ üstünde çapyp barşyna arka tarapyna ýaý atýan pursady (hut türküleriñ atyş usuly) şekillendirilipdir(12).

Ýerewanyñ golaýyndaky Eçmiadzin etrabynyñ Argawand obasynda türkmen emiri Sadyñ maşgalasynyñ mazary güberip görünýär. Abat saklanyp galan 12 metrlik bu kümmet 1413-nji ýylda işlenilip bejerilen tufdan (dag jynsy) salnypdyr. Mazaryñ daşlarynyñ ýüzünde ony salan ermeni usullarynyñ atlarynyñ baş harplary ýazylypdyr. Mazaryñ ýokarsynda — tejegorunyñ aşagyndaky baş harplary ýazylypdyr. Mazaryñ ýokarsynda tejegorunyñ aşagyndaky böleginiñ ýüzünde kümmediñ Sadyñ ogly emir Pir Hüseýniñ buýrugy boýunça gurlandygy barada arapça ýazgy bar. Argawand obasynda ýerleşen beýleki iki mazardan zat galmandyr. Ermeni alymy A. Papazýanyñ pikiriçe, bu obada Sadlaryñ kowum mazarçylygy ýerleşipdir(13).

Ýañy-ýakynlara çenli Sadlaryñ mazarçylygynda gazuw işleri geçirilmändir. Diñe 1997-nji ýylda Türkmenistanyñ we Ermenistanyñ hökümetleriniñ kararyna laýyklykda, türkmen alymlarynyñ topary: arheolog Ýegen Atagarryýew, dilçi-edebiýatçylar A.Aşyrow we N.Halymow ýadygärlikde barlaglar geçirdi. 1998-nji ýylda bolsa arheolog Hemra Ýusubow we antropolog O.Babakow bu ýerde bölekleýin gazuw işlerini geçirdiler.

Ermeni çeşmeleriniñ maglumatlaryna görä, Sad türkmen emirligi ("Çuhur Sad") XIV asyryñ 80-nji ýyllaryndan tä XV asyryñ 30-njy ýyllaryna çenli dowam edipdir.

Emirligiñ düzümine giren türkmen taýpalarynyñ hemmesi sadly diýlip atlandyrylypdyr. Olar Sarjalunyñ, Ýerashodzoryñ ýerlerinde we Ararat jülgesinde ýerleşipdir(14).

Dowam eden döwrüniñ soñky 20 ýylynda Sad emirligi kuwwatly

türkmen şasy Gara Ýusup beg Türkmeniñ garamagynda bolupdyr. Gara Ýusup beg Türkmen 1410-njy ýylda Ermenistanda, Eýranda, Yrakda, Kürdüstanda 1468-nji ýyla çenli dowam eden Garagoýunly döwletini esaslandyrypdyr.
Garagoýunlylaryñ häkimlige gelmegi bilen Teýmir agsak tarapyndan tozdurylan Ermenistana köp garaşylan parahatçylygyñ ahyrsoñy gelendigi barada orta asyr ermeni awtorlary belläpdirler. Towma Mesopesi Gara Ýusup barada şeýle ýazypdyr: "Ol Ermeni ýokarky böleklerine parahatçylyk berdi. Biziñ bütin ýurdumyzda, Arçeşden başlap tä Ararat welaýatyna çenli abadanlaşdyryş başlandy. Adamlar ýumrulan ýerlerde däl-de, abadanlaşdyrylan ýerlerde ýaşady... Buthanalarda ruhanylary we dýakonlary bilen gülläp başlady. Çagataý döwründe dinden el çeken adamlar öz dinlerine täzeden ynanyp başladylar". Ýerli ilata öz täsirini ýetiren ermeni-grigorýan buthanasyndan türkmenler uly goldaw tapypdyr. Ermeni taryhçysy W.Grigorýanyñ belleýşine görä, Gara Ýusup beg Türkmeniñ ogly Isgender we agtygy Jahanşa özlerini "Şahe Arman" (ýagny Ermenistanyñ şalary) hasaplapdyrlar. Ermeni çeşmelerinde olar uly mähir bilen ýatlanylýar. Jahanşa Garagoýunlylaryñ döwründe (1432 — 1467) ermeni buthanasy hemme salgytlardan boşadylypdyr(15).
XV asyryñ 70-nji ýyllarynda Ermenistanyñ, Günorta Atrapatakanyñ, Kürdüstanyñ, Diýarbekiriñ, Eýranyñ, Lurystanyñ, Parsyñ we Kermanyñ ýerlerini Akgoýunly türkmen nesilşalygy özüne birleşdiripdir. Onuñ esaslandyryjysy Uzyn Hasan beg Türkmen ermeni Eçmiadzin buthanalaryny salgytlardan boşadýar (1475-nji ýylyñ permany). Akgoýunlylaryñ beýleki bir şasy — Ýakup 1487-nji ýylda Gandzasaryñ katolikosy (ruhanysy) Şmawona edil şeýleräk permany berýär(16).
Ýokarda getirilen mysallar şu ýurtlaryñ çäklerinde ýaşan türkmen we ermeni halklarynyñ ýeterlik ýakyn aragatnaşykda bolandygyna şaýatlyk edýär. Munuñ şeýledigini ermeni diliniñ mysalynda-da görmek bolýar. 1902-nji ýylda Ýerewanda dil-edebiýatçy H.Açarýanyñ "Ermeni diline türki diliniñ täsiri we ermenileriñ türki dilinden kabul eden sözleri" diýen işi ermeni dilinde çap bolup çykdy. Onda, hususan-da, ermeni diliniñ stiline we grammatiki gurluşyna türkmen diliniñ täsiri hakynda gürrüñ edilýär. Könelişen käbir türkmen sözleri eýýäm häzirki zamann dilinde duşmaýar(17).
Belli türkolog E.W.Sewortýan şeýle ýazýar: "Entek mongollardan öñ, XII asyrda ermeniler seljuk türkmenleri bilen gatnaşyk edip başlaýar... we olar bilen hemişe seljuk türkmenleri bilen gatnaşyk edip başlaýar... we olar bilen hemişe aragatnaşykda bolup, egin-

egine berip ýaşan wagtary-da az bolmandyr. Diñe orta asyr ermeni edebiýatynyñ eserlerine günorta türki sözleriniñ has ir girmeginiñ sebäbini oguz taýpalary bilen gündelik aragatnaşygyñ saklanylandygy bilen düşündirmek bolar"(18).
Azerbeýjan alymy A.S.Sumbatzade orta asyr ermeni we gruzin awtorlarynyñ eselerini derñäp, olarda ýüzlerçe oguz-türkmen sözlerini ýüze çykardy(19).
Gelip çykyşlary we dilleri boýunça bir oguz toparyna girýän türkmenleri we azerbeýjanlary çuñ taryhy kökler baglanyşdyrýar(20).
Azerbeýjan alymlary Azerbeýjanyñ çäklerindäki oguz-türkmen taýpalarynyñ atlary saklanyp galan 18 sany ýer-ýurt añladýan adalgany (toponimi) tapdylar: afşar, baýat, baýandur, bektili, ýaýyrly, igdir, ýiwe, garabölük, kinyk, kyryk, peçeneg, salyr, tutyrga, tüker, çaruk, çebni, çuwaldar, eýmür, şeýle hem "24 sanawa" girmedik beýleki türkmen taýpalarynyñ atlary — agaçari, kañly, karluk (garlyk), kypçak (gypjak), halaj (halaç)(21).
XIX asyryñ birinji ýarymynda ýaşap geçen azerbeýjan taryhçysy we filology A.K.Bakyhanow orta asyr ýazuw çeşmelerine salgylanyp, Sefewi türkmenleriniñ döwletiniñ ilkinji şasy Ysmaýyl I Sefewiniñ ýerli türkmen hökümdarlaryny güýçlendirmek maksady bilen, XVI asyrda baýat türkmenlerini Yrakdan Ýerewana, Derbende, Şabrana göçürendigini belleýär. Onuñ aýtmagyna görä, zulkadyr (dulkadyr) türkmenleri-de Azerbeyjana, şeýle hem Gürjüstana göçüpdirler. Emma olaryñ bir bölegi gruzinler bilen goñşy ýaşaýan lezgi taýpalaryna goşulypdyr(22).
A.K.Bakyhanowyñ maglumatlaryna görä, XVI — XVII asyrlarda Azerbeýjanyñ etnik kartasy şeýle görnüşde bolupdyr: £eñene, halylly, keñerli türkmenler Kuba we Şirwan uýezdlerinde; asyllylar, arşalylar, ustajylar we gajarlar — Kuba uýezdinde; baýatlar — Kuba, Derbent we Şirwan uýezdlerinde; garagoýunly we halaç — Şeki, Kuba we Şirwan uýezdlerinde ornaşypdyrlar(23).
Bu giçki göçüp gelenler türkmenler, eýýäm Seljuklar, Garagoýunlylar we Akgoýunlylar bilen bile gelen oguz taýpalarynyñ, şeýle-de, biziñ eramyzyñ birinji asyrlarynda has gadymy türki etnoslaryñ (gunlaryñ, bolgarlaryñ, hazarlaryñ we başg.) ýaşap ýören ýerlerine gelipdirler. Türkmenleriñ nogaýlar bilen ýakyn aragatnaşykda bolandygy barada hem aýtmak bolar. XIII asyrda Çingiz hanyñ agtygy — Altyn Ordanyñ birinji hany Batyý Ýewraziýa sähralygynda ýaşan, ýagny onuñ döwletiniñ düzümine giren oguzlar üçin Nogaýy tümenbaşy edip belläpdir. Nogaý taryhçysy Sami Nogaýyñ maglumatlaryna

görä, Nogaý hanyñ kakasy Tawal beg Aksunyñ asly oguz-peçeneglerden bolupdyr. Bütin Günbatar we Günorta Ýewropany basyp alan Nogaý hanyñ abraýy gaty uly bolupdyr, hatda Altyn Ordanyñ oguzlary özlerini "nogaý" diýip atlandyrypdyrlar(24). Häzirki nogaýlar, esasan, Russiýa Federasiýasynyñ Garaçaý-Çerkez awtonom respublikasynda ýaşaýar. Olar aknogaý halk we garanogaý halk diýen toparlara bölünýär. Aknogaýlarda "türkpen" (türkmen) we "kañly" taýpalary bolup, olaryñ obasy Togtamyş we Kañlydyr. Garanogaýlar hem atlarynda türkmen taýpalary bilen meñzeşlik bolan uly taýpalara bölünýärler — goñur, kañly, gazaýakly (gaz aýagyna meñzeş tagmasy bolan salyrlar şeýle atlandyrylypdyr), keneges, bozok (sag ganatyñ 12 oguz taýpasy şeýle atlandyrylypdyr). Olaryñ Türkpen-oba diýlip atlandyrylýan obasy hem bar. Türkmenleriñ we nogaýlaryñ aragatnaşygynyñ alamatlaryny nogaý familiýasyny getirmek bolar. Kizyl-ýurt we Ikon-halk obalary); Bu maşgalalary wekilleri kem-kemden çerkesler bilen ýakynlaşýar(25).
Nogaý dilindäki garyndaşlyk adalgalary türkmen dilindäki şeýle adalgalardan tapawutlanmaýandygyny hem gyzyklydyr. Nogaý dilinde gypjak şiweleriniñ köp bolmagyna garamazdan, bu adalgalaryñ aýdylyşynda oguz-türkmen sözleýşiñ yzlary bar(26). Nogaý taryhçysy Ý.I.Karakaýew nogaý "Tohtamyş han hakyndaky rowaýatynda" oguz dil alamatynyñ köpdügine şaýatlyk edýär. Oguzlaryñ dodurga taypasy demirgazyk-kawkaz abazinlerde (tapanta böleginde) ýatlanyp geçilýär. Garabulak orta asyr türkmen taýpasy bolsa; çeçenleriñ we induguşlaryñ düzümine giripdir (waýnah birleşmesi). Garabulaklar waýnahlaryñ "orsthoý" diýen at bilen aýratyn toparyna giripdir. Olar 4 sany uruga bölünipdir: orsthoý, saýeçoý, mer£oý, akhoý (agöý, agöýli — oguz-türkmen taýpalarynyñ biri). Garabulaklar (dürli oguz şejerelerinde — garabulak, garabölük, gara öýli) häzirki güne çenli waýnahlaryñ arasynda özboluşly harby topar hasaplanylýar. Olara "pälwan halk" diýýärler. 1970-nji ýylda bir garabulak ýaşulysy şeýle gürrüñ beripdir: "Bize garabulaklar diýýärler. Pasportumyzda inguş diýip ýazylmagyna garamazdan, bizi hiç kim olar diýip hasap etmeýär"(27).
Garaçaýlaryñ we balkarlaryñ dilinde we däp-dessurlarynda uly oguz-türkmen gatlagy bar. Dilçileriñ pikiriçe, bu garyndaş halklaryñ atlary-da sinonimdeşdir: gypjak dilindäki "gara malkarlylar" — balkarlylar ("gara derýa") sözi oguz dilindäki "gara çaýlylar" — garaçaýlylar ("gara derýa"), ýagny "Gara çaýyñ golaýynyñ ýaşaýjylary" sözüne

öwrülýär. "Garaçaýly" etnonimi bolgarlaryñ (kawkazly balkarlar — olaryñ nesilleri) oguz-türkmen taýplary bilen garyşmagy netijesinde emele gelipdir. Garaçaýly dilçi M.A.Habiçew şeýle ýazýar: "Garaçaý dil gurşawyna oguz diliniñ täsiri gaty uludyr. Garaçaý diliniñ ýo, ýu çekimlileri dodaklanyşy we hatary boýunça azerbeýjan diliniñ ýo, ýu çekimlileri bilen meñzeşdir. Balkarlar dilinde bolsa, ýo, ýu sesleri has yzky hatara degişli bolup, gumuk diliniñ oü, uü, (o, u) sesleri bilen meñzeşdir. Birinji we ikinji ýöñkemäniñ birlik sanynyñ goşulmalarynyñ yzyna goşulýan eýelik, ýeñiş we ýöneliş düşümleriniñ goşulmalarynda-da oguz diliniñ täsiri bar. Bu gumuk dili üçin-de mahsusdyr"(28).

Osetinleriñ şejeresinde halky emele getiren ýedi taýpanyñ arasynda "oguz" taýpasy görkezilýär(29). Häzir osetinler "iron" we "digor" diýen toparlara bölünýär. Osetin diliniñ iron we digor dialektleriniñ arasynda, hatda çalyşmalarda-da uly tapawut bar. Digoriýada 150-den gowrak türki toponimi bolup, digor dialektiniñ özi bolsa türki sözlere örän baýdyr. Hatda käbir ylmy barlagçylar "digoriýalylar iñ köne türki gepleşiginde gepleýär" diýip hasaplapdyrlar(30).

Balkar taryhçysy I.M.Miziýew bu babatda şeýle ýazýar: "...Digoriýalylar öz etnonimi boýunça bolgar utigorlaryna deñ bolupdyrlar. Olar Merkezi Kawkazyñ jülgelerine düşüp, eýran dilli taýpalaryñ — ironlaryñ ata-babalary bilen assimilleşipdirler"(31).

Gündogar Osetiýanyñ şejere rowaýatlary beýleki ýerlerdäki şeýle eserlerinden tapawutlanýarlar. Olar şejerelerini Os-bagatardan — Alaniýanyñ "birinji patyşasyndan" alyp gaýdýarlar. Belli osetin filology W.I.Abaýew bu ady türki hasaplaýar. Os-bagataryñ ogly Aguz (Oguz) bolupdyr — bu at köne oguz dilinde ýazylan "Awgustian Alguzo — Ruslan Saragon-Çahilon" ("Alguziani") diýen poemada bardyr. Poemada Aguz gunlaryñ, osetinleriñ, çerkesleriñ, çeçenleriñ we beýlekileriñ hökümdary — "beýik patyşalyklary saklaýan, patyşa we çäksiz häkimli hökümdar" hökmünde görkezilýär. Gündogar osetin maşgalalarynyñ aglaba bölegi özlerini Aguzyñ nebereleri hasaplaýarlar.

Osetin etnology F.H.Gutnow, osetin atlaryna we şejerelerine salgylanyp, knýazlaryñ we käbir hökümdarlarynyñ atlaryñ gelip çykyşy boýunça, esasanam, türki we arapdygyny boýun alýar (Baýsagur, Batyrbaý, Beslan, Ýelkan, Tengiz, Elkon, Asgireý, Aslanbek, Bikan, Botas, Polat, Sanjar, Tugan, Tembulat, Krymgire, Kudaberd, Temirhan, Hanjeri, Buriberdy we beýlekiler)(32).

Türkmen-alan-as taýpalarynyñ ata-babalarynyñ täze eýýamyñ birinji

asyrlarynda Kawkaza gelendigini aýratyn bellemek gerek. Olaryñ eýran dilliligi barada hiç bir çeşmede aýdylmaýar. Tersine, ermeni we gruzin orta asyr awtorlary alan-aslaryñ diliniñ türküdigini belläp, olaryñ owsurlar we digorlar diýen at bilen tanalandygyny belleýärler. Bu "Oguznamada" sanalýan esasy owsar (afşar) we duker (tüger) diýen oguz taýpalarydyr. Owşar we tüwer (togar) etnonimleri häzirki günde-de türkmenler bar. "Alan" we "as" etnonimleriniñ bolsa biz "alili", "olam", "as", "ýazyr" ýaly türkmen etnonimleriniñ düzüminde görýäris.

Dagystanyñ "terekemen" diýlip atlandyrylýan kiçeñräk halklarynyñ biri aýratyn üns berilmegine mynasypdyr. Olar Dagystanyñ Derbent etrabynyñ demirgazygyndaky deñiz ýakalaryny tutupdyr. Olaryñ ýaşaýan ýeri Terekeme (ýa-da Terekemen bölegi) diýlip atlandyrylýan ýerleri demirgazykda gumuklar, günbatarda tabasaranlar bilen araçäkleşýär, gündogarda bolsa Hazar deñziniñ suwy bilen ýuwulýar.

Terekemenler ("terekemeler") Dagystabyñ çäklerine Azerbeýjandan gelipdir. A.K.Bakihanowyñ belleýşine görä, terekemenleriñ alty sany obasy Bakuwyñ töwereklerinde ýerleşipdir we ýene-de "Derbendiñ golaýynda aýratyn Terekeme magaly bolupdyr". Terekemenler Dagystana Kaýtagyñ hökümdary Soltan Ahmediñ çagyrmagy bilen gelipdirler diýip ýazypdyr. Ol: "Türkmenleri Şirwanyñ dürli ýerlerinden çagyryp getirýär we Terekeme (türkmenler) magalynyñ häzirki obalarynda ýerleşdirýär"(33).

"Terekeme", "terekemen" sözleri "türkmen" etnonimini añladýar. Kawkaz halklarynyñ taryhy we etnologiýasy boýunça barlagçylaryñ ýekejesi-de bu babatda şübhelenmeýär. Häzirki zaman azerbeýjan taryh ylmynyñ düýbüni tutujy A.K.Bakihanow, görnükli azerbeýjan alymy Z.M.Buniýatow, terekemenleriñ taryhyny öwreniji, dagystanly taryhçy S. Ş. Gajyýewa we başga-da birnäçe alymlar terekemenleriñ aslynyñ türkmendigine şübhelenmeýärler.

Hususan-da S.Ş.Gajyýewa şeýle ýazýar: "...Dagystanyñ terekemenleriniñ köpüsiniñ asly azerbeýjanlydyr. Edil Azerbeýjanyñ terekemenleri ýaly, olaryñ gelip çykyşy bilen oguz türkmenleriniñ, şol sanda garagoýunly we akgoýunly oguz-türkmen taýpalarynyñ arasynda arabaglanyşyk bardyr"(34).

"Terekeme" sözi — "türkmen" sözüniñ kawkaz taýydyr (wariantydyr). Orta Aziýaly awtorlara-da "türkmen" sözüniñ şeýle nusgasy bellidir. Meselem Abylgazy han (XVIII a) "Türkmenleriñ nesil şejeresinde" "tarakimalar — salorlar" barada gürrüñ edýär(35).

Terekemenleriñ köpüsi 10 sany obada: Börikeý, Jemikent, Welikent, Padar, Mämedgala, Selik, Karadagly, Ulluterekeme, Tatlýar,

Deliçoban obalarynda ýerleşdirilipdir. Beýleki üç oba — Şabazkent, Mehre£kent, Şebende XIX asyryñ birinji ýarymynda ýumrulypdyr. Terekemenleriñ gumuklar bilen birleşen bölegi Demirgazyk Dagystanyñ: Hasawýurt (Temiraul obasy we Kostek obasyndaky Terekemeaul toplumy) we Gyzylýurt (Çontaul obasy) raýonlarynda ýaşaýar. Bu terekemenler bir eýýämden bäri özlerini gumuklar hasaplaýar. Terekemenleriñ haýsydyr bir bölegi Ermenistanda we Gruziýada ýaşapdyr. XIX asyryñ ahyrynda Terekeme diýen ýerde (Terekemen uçastogy) 4294 sany ýaşaýjy bolandygy we Kumuk okrugynda bolsa 1867-nji ýylda 1257 sany terekemenleriniñ ýaşandygy bellidir(36). XIX asyryñ başynda Zasulak Kumykiýada terekemenleriñ dört knýaz uruglarynyñ wekilleri — Kazanalipowlar, Aýdemirowlar, Temirowlar, Alişewler ýaşapdyr. Günorta Dagystanyñ ýerlerine gelen terekemenler gumuklary, tabasaranlary, darginleri, lezginleri öz etnik toparyna goşupdyrlar(37). Türkmenler günorta gumuklaryñ ýerlerine-de giripdirler. S.Ş.Gajyýewa şeýle ýazýar: "Garagoýunlylaryñ haýsydyr bir toparynyñ terekemenleriñ diñe etnik taýdan kämilleşmegine gatnaşman, eýsem, olar günorta gumuklar bilen birleşendikleri aýdyñdyr. Mirze-su (häzir Terekeme magalynyñ demirgazyk araçäginde ýerleşýän Dru£ba şäherçesi) bölümçesini terekemenleriñ birwagtlar Garagoýunly diýip atlandyrmagy ýöne ýerden däldir. Başly Karakoýçular diýlip atlandyrylypdyr (sözme-söz: "gara goýun ösdürip ýetişdirýänler", garagoýunly sözüniñ gumukça ýazylşy). Ýaşulylar 1877-nji ýylda ýumrulan Başly obasynda Garakoýçular ýaşalýan aýratyn toplumy eýeländigini we köplük bolup ýaşandyklary barada eşdipdirler. Ýyl geçdigiçe, olar beýleki tuhumalar bilen garyşypdyr, emma entek daşky sypatlary boýunça tapawutlanypdyrlar (has inçe ýüzli, süýri kelleli, garaýagyz)"(38). Özüniñ başga bir işinde S.Ş.Gajyýewa şeýle belleýär: "Günorta gumuklaryñ şiwesiniñ (kaýtag şiwesi) derñewiniñ netijesinde, olaryñ leksikasynda gypjak toparyna degişli bolmagyna garamazdan, sözlük düzüminiñ köp bölegini oguz sözleriniñ tutýandygy anyklanyldy. Deñizýaka Dagystana irki döwürde aralaşan oguz sözlerinden başga-da, has gijräk, XIII — XIV asyrlarda, ilhanlar döwründe, garagoýunly taýpalarynyñ göçen wagtlary günortadan gelen oguzlaryñ dili-de bu ýagdaýa öz täsirini ýetiren bolmagy ahmaldyr(39)".

Gumyklarda türmen eposlary "Görogly" we "Gorkut ata" meşhurdyr. Mysal üçin "Jawat baradaky ýyr" oguz diliniñ elementleriniñ bir bölegi bolup durýar.

Kaýakent gumuk obasynyñ döremegi hut gaýa oguz-türkmen taýpasy bilen baglanyşyklydyr. Bu obanyñ ýaşaýjylary özlerini türkmençe — "gaýa gentliler" diýip atlandyrmaklary hem gyzyklydyr. Soñra kaýylar gumuklar bilen birleşipdir. XIX asyryñ ahyrynda asly Lagijden bolan terekemenler Kaýakente göçüpdirler. Gamri obasynyñ ýerinde düýbi tutulan ilkibaşdaky Kaýakent "Mina Kaýykent" diýlip atlandyrylyp başlanýar. Soñky göçüp gelenler "Täze Kaýykent" obasyny esaslandyrypdyr(40).
1992-nji ýylda Türkmenistana hut Kaýakentden hat gelýär. Dagystanyñ birleşen muzeýiniñ Täze Kaýakent şahamçasynyñ müdiri Umurzyýat Jabrailowa öz hatynda gumuklaryñ ýaşaýan Kaýakent raýonunda ýerleşýän Otemiş ilatly ýer barada gürrüñ berýär. U.Jabrailowa: "Olaryñ (otemişleriñ — Ö.G.) utamyş türkmen taýpasy bilen arabaglanyşygy barmyka?" diýip ýazýar(41). Biz oña otamyşlaryñ (utemişleriñ ) teke türkmenleriniñ bölegidigi barada aýdyp, onuñ bu etnonimleriñ arabaglanyşygy baradaky çaklamasyny ret etdik. 1993-nji ýylyñ başynda Dagystandan ýene-de bir hat geldi. Onda şeýle diýilýär: "...Biziñ 1993-nji ýylda açylan muzeýimizde otemişleriñ bu ýere haçan gelendigi barada hiç hili (taryhy) maglumat ýok. Biziñ alymlarymyz olar barada entek hiç zat aýtmandyr. Biz bu işiñ başyny başlaýjylar. Otemiş obasy — biziñ etrabymyzda iñ köp ilatly nokatlaryñ biri (700-e golaý hojalyk). Obanyñ ilaty — gumuklar. Olaryñ däp-dessurlary gumuklaryñky bolsa-da, sözleýişleri başgaça. Meselem, däp-dessurlary gumuklaryñky bolsa-da, sözleýişleri başgaça. Meselem, gumuklar "gelgenbiz" ("biz geldik") diýýär, olar bolsa "gelipmiz" diýýär. Antropologiýa taýdan, olar ýewropalylara meñzeýär... Olar gadymdan bäri, öz päkizeligi, edepliligi bilen tapawutlanýar. Has öñden bäri ýaşap gelýän otemişleriñ gürrüñ bermegine görä, obanyñ daş-töwereginde ir-iýmişli ("ýemiş") baglaryñ we otlaryñ ("ot") köp bolandygy sebäpli, oña şeýle at berlipdir. Biziñ pikirimizçe, şeýle düşündiriş nädogrydyr. Halk örän gyzma, göwnaçyk, myhmansöýer. Ýaşaýyşlary gurply däl, ýerleri köp, emma suwlary ýok. Esasan, üzümçilik bilen meşgullanýarlar. Olar ökde gallaçy... Biziñ pikirimizçe, otemiş türkmenlerden gelip çykan bolmaly. Biz bilelikde, bu pikiri delillendirmäge çalyşmaly. Hormatlamak bilen Umurzyýat Jabrailowa"(42).
Bu maglumatlar türkmenleriñ Zakawkazýede we Kawkazda tutan uly syýasy orny barada habar berýär. XVIII asyryñ başynda Demirgazyk Kawkaza Müñgyşlakdan çowdur, igdir, söýünajy türkmenleri gelipdir. 1740-njy ýylda Stawropol ülkesinde olaryñ sany 15990 adama

ýetipdir. Stawrapol türkmenleriniñ 200 adamdan ybarat bolan ýygynçasy 1812-nji ýylda Russiýanyñ Napaleona garşy Watançylyk urşuna gatnaşypdyr. Türkmenleriñ bir bölegi galmyklaryñ arasyna göçüp barypdyrlar. Alymlaryñ bellemegine görä, galmyklaryñ "tekýahin" urugy teke-türkmenlerine degişlidir. Galmyklaryñ "torkmud" bölümçesi bolsa, onuñ aslynyñ türkmendigi barada aýdýar(43). 1825-nji ýylda Demirgazyk Kawkazda Türkmen pristawlygy döredilipdir. Onuñ düzümine 10 sany oba giripdir we 1923-nji ýylda onuñ ady Türkmen etraby diýlip üýtgedilipdir. Häzir Stawropol türkmenleri: Letnaýa Stawka (Türkmen etrabynyñ merkezi), Çur, Maştakgulak, Sarygamyş, Ýanguý, Sawan, Edilbaý, Başanta, Başagyl, Ozek-suat, Deşikli, Jelala obalarynda ýaşaýar(44). Häzirki wagtda Stawropol türkmenleriniñ sany 120 müñ adamdan hem geçýär.
Ylmy maglumatlar we ýygnalan materiallar, göwrümi ýeterlik dereje-de bolmasa-da, Kawkaz halkarynyñ etnik taryhyna täzeden ser saldyrýar. Sebäbi türkmenleriñ Kawkazda ýaşaýan halklar bilen etnosyýasy, etnodurmuş we etnomedeni gatnaşykarynyñ doly teswiri bizde häzire çenli ýokdur.

Öwez GÜNDOGDYÝEW.
# "Türkmenler we dünýä halklary", sah-203-216.

## GADYMY KÜÝZELERIÑ ATLANDYRYLYŞY

Gadymy türkmen halky durmuşda öý-hojalygynda zerur bolan gap-gaçlary keramiki önümlerden ýasapdyrlar. Ir döwürlerde sowadyjy enjamlaryň bolmanlygy üçin, ata-babalarymyz özleriniň gündelik iýjek zatlaryny zaýasyz ulanmak maksady bilen her hili gap-gaçlary, küýzeleri keramiki önümleri palçykdan bişirip ýasap, onuň içini hem syrçalap saklapdyrlar. Öý hojalygynda ulanylýan iýmitleri, ýagny gowurdak, ýag we süýt önümlerini zaýasyz ulanmak üçin, içi syrçalanyp ýasalan küýzeleri ulanypdyrlar. Içi syrçalanan küýzäni «golça» diýip atlandyrypdyrlar.
Ir döwürlerde golçalarda ýagy bilen gowrulan eti saklapdyrlar. Golçanyň içinde gowurdak uzak wagtlap zaýalanman saklanypdyr. Mundan başga-da, golçalarda toşaby, duzy uzak wagtlap saklap bilipdirler. Ata-babalarymyz gündelik içýän suwlaryny, arassa hem sowuk saklamak üçin toýundan küýze önümini ýasapdyrlar. Ony ýasanlarynda ýeke gulp goýupdyrlar. Oňa bolsa «jürdek» diýip at beripdirler. Geçmişde pederlerimiz gündelik içjek suwuny jürdeklere guýup, ony hem ak öýüň bir çetinde saklapdyrlar. Jürdekler tomus

aýy suwy sowuk saklapdyr we ynsanlary suwsuzlykdan gandyrypdyr. Ir döwürlerden bäri ata-babalarymyz düýe malyny saklaýarlar. Düýäniň çalyny, agaranyny iýmit üçin hem derman hökmünde ulanypdyrlar. Düýäniň çalyny hem zaýasyz saklamak üçin syrçaly gaplary köp ulanypdyrlar. Düýe çalyny zaýasyz saklamak üçin ulanan gaplaryny bolsa «gorküýze» diýip atlandyrypdyrlar.

Hojalykda ulanylýan küýzeleriň ýene birine «ýagküýze» diýip atlandyrypdyrlar. Munda azyk önümi bolan ýag saklapdyrlar. Ýagküýzede, esasan, ergin we doň ýaglary saklapdyrlar. Hojalykda ulanylýan ýag önümlerini uzak wagtlap zaýasyz saklamakda ýagküýzeleriň hyzmaty uly bolupdyr. Ýagküýzeleriň hem içi syrçalanyp ýasalypdyr.

Ata-babalarymyz hojalyk üçin uly göwrümli küýzeleri hem ulanypdyrlar. Uly küýzeleri bolsa «hum» duýup at beripdirler. Hum küýzeleri hem syrçaly, käbirlerini syrçasyz edip ýasapdyrlar. Hum küýzelerde esasan hem, däne saklapdyrlar, ondan başga-da, suw saklamak üçin hem ulanypdyrlar. Geçmişde ata-babalarymyz öý hojalygynda ulanýan azyk önümlerini uzak wagtlap tygşytly saklamakda küýzeleriň hyzmaty juda uly bolupdyr. Küýzeleri geçmişde pederlerimiz öz öý hojalygynda ulanan bolsa, bu günki günde geçmiş taryhymyzdan söhbet açýan taryhy ýadygärliklerimiz bolup, taryhy we ülkäni öwreniş muzeýlerimizde saklanýar. Türkmen taryhyny, medeni mirasyny öwrenmek üçin olary aýawly saklap, halka ýetirmekde muzeýlerimiziň hyzmaty uludyr. Biziň Mary welaýatymyzyň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýimiziň arheologik ekspozisiýasynda saklanýan küýzedir gap-gaçlar, muzeýimize gelýän jahankeşdelerde, daşary ýurtly syýahatçylarda we ýerli ilatymyzdan gelýän myhmanlarda uly gyzyklanma döredýär. Geçmiş taryhymyzdan, ata-babalarymyzyň taryhyndan söhbet açýan taryhy gymmatlyklarymyz hakynda täsirli, gyzykly maglumatlary muzeý işgärlerimiz uly höwes bilen gürrüň berýärler we giňişleýin düşündirýärler. Ýaş neslimizi watançylyk ruhunda terbiýelemek, olary ynsanperwer ylymly-bilimli, edepli ýaşlar edip ýetişdirmek üçin muzeýmiziň ylmy işgärleri yzygiderli wagyz-nesihat işini geçirýärler.

Töre NOBATOW,
Mary welaýatynyň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýiniň direktory, Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri.

# 12-nji hepde üçin tekstler

## DÜNÝÄ TEJRIBESINI NAZARLAP

Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň pudaklarynyň düzüminde amala aşyrylýan düýpli özgertmelerde ýokary bilim ulgamyna täzelikler girizilýär. Hususan-da, ylmyň we tehnologiýalaryň ösmegi, innowasiýalaryň önümçilige ornaşdyrylmagy, sanly ykdysadyýetiň we bilimler jemgyýetiniň kemala getirilmegi üçin düýbünden täze ugur alyndy.
Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, mugallymçylyk däplerini umumydünýä ýörelgeleri bilen baýlaşdyryp, ýurdumyzyň bilim ulgamynyň täze nusgalaryny kemala getirmek wezipesi öňe çykarylýar. Bu wezipäniň çözgüdinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek bilen, dünýäniň bilim giňişliginde mynasyp ornuny berkidýär.
Ykdysady we tehniki ugurly ýokary okuw mekdeplerinde häzirki zaman innowasion önümçiligi dolandyrmaga ukyply ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda daşary ýurtlaryň meşhur ýokary okuw mekdepleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy üpjün etmek wezipesiniň täzeçe çözgütleri öňe çykarylýar. Ýokary derejeli hünärmenler ylmy esasly önümçiligiň möçberini hem-de eksport kuwwatyny artdyrmakda täze taslamalary işläp taýýarlamaga we durmuşa ornaşdyrmaga ukyply bolmalydyrlar diýen ugur bizi täzeçe işlemäge mejbur edýär.
Täzeçe işlemek diýlende, giň möçberli taslamalary nazara almak bilen, hojalyk we maliýe, maýa goýum amallaryny guramagy, ýurdumyzyň daşary söwda gatnaşyklaryny ösdürýändigini nazara alyp, dünýä bazarlaryndaky ýagdaýa baha bermegi başarýan ýokary derejeli hünärmenleriň taýýarlanylmagyny aňladýar. Şu meselede hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan hünärmenleri taýýarlamak boýunça anyk garaýyşlar kesgitlenildi. Durnukly ösüş ylmy dilde aýdylanda, täzeçe, döredijilikli pikirlenýän, döwrebap tehnologiýalardan baş çykarýan, hünär maglumatlaryndan netijeli peýdalanmagy başarýan, halkara olimpiadalarynda, ylmy bäsleşiklerde ukyp-başarnygyny görkezýän hünärmenleriň milli ykdysadyýetiň pudaklaryna derwaýys gerekdigi bilen şertlendirilýär.
Tehniki ugurly hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdepleri barada aýdylanda senagatyň ösüşine, eksport ugurly önümçiligiň döredilmegine ukyply hünärmenleriň taýýarlygy zerurdyr.
Milli Liderimiz Türkmenistanyň jemgyýetçilik-syýasy guramalarynyň

we medeniýet ulgamynyň wekilleri bilen duşuşygynda eden taryhy çykyşynda şeýle diýdi: «Biziň döwletimiziň gazanýan üstünlikleri ýaşlarymyzyň bagtyýar durmuşy bilen berk baglanyşyklydyr. Ýaşlar eziz Watanymyzyň güýç-kuwwatyny, mümkinçiliklerini, at-abraýyny we beýik geljegini özünde jemleýär». Şu nukdaýnazardan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň daşary ýurtlaryň meşhur bilim ojaklary, ýokary okuw mekdepleri bilen hyzmatdaşlygy, tejribe alyşmagy, professor-mugallymlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmagy möhüm ähmiýete eýedir. Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistan – rowaçlygyň Watany» ýylynda halkymyzyň dünýäde at-abraýyny arşa götermekde we mizemez döwletimiziň binýadyny pugtalandyrmakda ýaşlarymyzyň gujur-gaýratyny gaýgyrmajakdyklaryna berk ynanýar. Gahryman Arkadagymyzyň ynamyny aňryýany bilen ödäp bilýän, kämil hünärmenleri taýýarlamak, biz mugallymlaryň jana-jan borjudyr.

Merdan Durdyýew,
Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.

## TELEKEÇILIK IŞI ROWAÇLY ÝOLLARDA

Taryhda-da mälim bolşy ýaly, gadymy Merwiň baş bazary tutuş şäheri dörde diýen ýaly bölüp, demirgazykdan günorta we gündogardan günbatara geçýän esasy ýollaryň ugrunda ýerleşipdirler. Bazarlaryň hyzmatyny Gäwürgalanyň demirgazyk-günbatarynda we günorta-günbatarynda ýerleşen medeni gatlagy bolmadyk açyklykdaky tekiz ýerler ýerine ýetiren bolsa gerek. Hünärmentçilik önümçiligi gadymy Merwde aýratyn jemlenipdirler. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe söwdany we telekeçiligi ösdürmek hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlary bolup durýar. Bu pudaklarda amala aşyrylýan oňyn özgertmeler ýurdumyzda durmuşa geçirilýän giň möçberli durmuş-ykdysady maksatnamalaryň netijelerini aýan edýär we bazar gatnaşyklaryny seljermäge, ilatyň durmuş derejesiniň we onuň abadançylygynyň ýokarlanmagyna mümkinçilik berýär. Söwdamilli ykdysadyýetimiziň býujete ep-esli salgyt serişdeleriniň gönükdirilmegini üpjün edýän möhüm pudak bolup durýar. Şeýle hem ol döwletiň maliýe durnuklylygyny şertlendirýär. Bu pudak kärhanalarynyň we onda zähmet çekýän işgärleriň sany boýunça kiçi telekeçilikde esasy orny eýeleýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy boýunça senagat pudagyny, obasenagat toplumyny, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň

ornuny tutýan önümleriň önümçiligini, eksport kuwwatlyklaryny, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek, ykdysadyýetimiziň hususy pudagyna hemmetaraplaýyn goldaw bermek boýunça döwlet maksatnamalarynyň üstünlikli ýerine ýetirilmegi netijesinde ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň möçberleri ýokarlandy we olaryň görnüşleri giňeldildi. Bu bolsa içerki sarp ediş bazarlarynda islegleri kanagatlandyrmakda oňyn netijeler gazanylmagyny şertlendirdi. Şunlukda, içerki bazarda ýurdumyzyň önüm öndürijileriniň eýeleýän orny pugtalandy.

Bellenilişi ýaly, döwlet Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedow telekeçilige hemmetaraplaýyn goldaw berýär. Kiçi we orta telekeçilik Türkmenistanyň söwda pudagynyň ösüşine kuwwatly itergi berdi. Şeýle hem ol pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny, onuň düzümlerini berkitmekde, täze iş orunlaryny döretmekde, ýurdumyzyň içerki sarp ediş bazarlarynda ýerli serişdeleriň hasabyna azyk önümleriniň bolçulygynyň üpjün edilmeginde möhüm orun eýeleýär. Bu bolsa ildeşlerimiziň azyk hem hojalykda zerur bolan beýleki önümleri elýeter bahalardan almagyna esas döredýär.

Garaşsyz diýarymyzda telekeçileriň alyp barýan hususy kärhanalarynda gurluşyk serişdeleriniň, dokma önümleriniň, ýuwujy serişdeleriň, demir önümleriniň, mebelleriň, haly önümleriniň, kagyzyň, faýansyň, aýna gaplarynyň, alýuminiý, polietilen, plastik harytlaryň, akkumulýatorlaryň, hojalyk tehnikalarynyň önümçiligi ýola goýulmagy milli ykdysadyýetiň barha kuwwatlanmagyna getirýär. Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde hususy pudagyň ornuny mundan beýläk-de ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly wezipeler Türkmenistany 2018 — 2024-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamanyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde hem kesgitlendi. Bu maksatnamada Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalaryna elliden gowrak senagat, oba hojalyk pudaklaryna degişli önümçilik kuwwatlyklaryny, söwda desgalaryny we hyzmatlar kärhanalaryny gurmak hem-de döwrebaplaşdyrmak ynanyldy.

Içerki bazarlary zerur bolan harytlar we önümler bilen üpjün etmek, halkyň sarp edýän harytlarynyň önümçilik mukdarlaryny artdyrmak boýunça alnyp barylýan işler bilen bir hatarda, ýeňil we azyk senagatynyň önümçilik kuwwatlyklary berkidilýär. Hyzmatlar we söwda ulgamynyň ösdürilmegine iri maýa goýum serişdeleri gönükdirilýär. Bölek we lomaý söwdanyň täze görnüşleri işjeň ösdürilýär. Häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän dürli söwda toplumlary, iri söwda-dynç alyş we hyzmat merkezleri işewürlik ulgamynyň maýa goýum ýagdaýynyň ösýändigini, şeýle hem

girdejileriň artýandygyny, ilatyň durmuş derejeleriniň ýokarlanýandygyny äşgär edýär.
Şunuň bilen bir hatarda Merkezi Aziýada iri söwda toplumy bolan «Altyn asyr» Gündogar bazarynyň paýtagtymyzda peýda bolmagy döwrebap söwda çözgütleriniň Gündogar binagärlik ýörelgeleri bilen sazlaşmagyny şertlendirdi. Türkmenistanyň tutuş çäklerini köp sanly kerwensaraýlar, şol sanda Ýuwaş Ummanynyň kenarlaryndan Ýewropa çenli baryp ýetýän, gadym döwürlerden bäri belli bolan söwda ýoly gurşap alypdyr, bu ýola hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Türkmenistan — Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitabyny bagyşlady. Bu ajaýyp eser geçmiş taryhda şöhratly ata-babalarymyzyň beýik myhmanparazlygyndan we ýurdumyzyň goňşy döwletler bilen alyp baran söwda aragatnaşygynda ýeten belent derejelerinden habar berýän nusgalyk gollanmadyr.
Goý, ýurdumyzyň ösmegi, halkymyzyň bagtyýar ýaşamagy ugrunda ähli tagallalary amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun!

Şirin ÖWEZBERDIÝEWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.

# 13-nji hepde üçin tekstler

## TÜRKMENISTANDA ADAM HUKUKLARYNYŇ KÄMILLEŞMEGI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli kanunçylygyň we halkara umumy ykrar edilen kadalaryň esasynda raýatlaryň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny goramak ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Jemgyýetiň we şahsyýetiň deňagramly, sazlaşykly ösmegini ýola goýmak, olaryň bähbitleriniň, maksatlarynyň sazlaşygyny gazanmak ýurdumyzy ösdürmegiň esasy meseleleriniň biridir.
Adam hukuklary her bir raýat jemgyýetini gurýan ýurduň esasy ýörelgesidir. Her bir adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak, şol bir wagtda jemgyýetde her bir adamyň hukuklarynyň hem-de azatlyklarynyň kepiliniň hakyky ulgamyny döretmek, hukuk döwletini gurmagyň esasy şertidir. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Ýurdumyzda demokratiýany dabaralandyrmak, adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak

Berkarar döwletimiziň esasy wezipeleriniň biridir. Ata-Watanymyzy dünýäde iň bagtly adamlaryň ýaşaýan mekanyna öwürmek biziň baş maksadymyzdyr» diýip, belläp geçýär.

Adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň goragynyň üpjün edilişi döwletimiziň Esasy Kanuny bolan Konstitusiýamyzda hem aýdyň görkezilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy— ýurdumyzyň syýasy sütünlerini, döwlet häkimiýet edaralaryny,saýlaw ulgamyny, adamyň we raýatyň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny kadalaşdyrýan kanunçylygyň gözbaşydyr. Konstitusiýa adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň kepili bolmak bilen, häzirki zaman jemgyýetinde raýatlyk parahatçylygyny we milletara ylalaşygyny üpjün edip, halk häkimiýetliliginiň,şeýle hem hukuk, dünýewi döwletiň ykrar edilen sütünlerini şöhlelendirýär.

Häzirki wagtda adam hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek hem-de goramak bu döwletiň döwrebap ösüş derejesiniň alamatydyr. Adam hukuklary diýlende şahsyýetiň dogulmagy bilen, onuň elinden alyp bolmaýan tebigy hukuklaryna düşünilýär.Esasy Kanunymyzyň milli kanunçylykdaky ornuny, ähmiýetini nazara alyp, döwlet we jemgyýetçilik durmuşynda demokratiýany, döwlet häkimiýet edaralarynyň işini, şeýle-de amala aşyrylýan oňyn jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady özgertmeleri mundan beýläk hem ösdürmek hem-dehas-da kämilleşdirmek ýurt derejesinde esasy maksat bolup durýar. Çünki adam hukuklary umumadamzat gymmatlygy hökmünde häzirki döwürde halkara derejesinde ileri tutulýan esasy ugurlaryň biridir.

Türkmenistan döwleti Garaşsyzlygyny alan ilkinji günlerinden başlap, halkara resminamalarda bellenilen esasy demokratik hukuklary we azatlyklary ykrar edýändigini yglan etdi. Munuň özi, adamyň bähbitlerini, hukuklaryny we azatlyklaryny goramak hem-de kanunçylygymyzda adam hukuklary boýunça halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ornaşdyrmak ýurdumyzda ýöredilýän syýasatyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini tassyklaýar.

Bu günki günde Türkmenistan raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň amala aşyrylmagynyň kanunçylyk kepilliklerini, halkara resminamalaryny berjaý edýän, adamlaryň ykdysady durnuklylygyny we abadançylygyny üpjün edýän hem-de bu ugurdaky borçnamalaryny yzygiderli ýerine ýetirýän döwlet hökmünde halkara derejesinde ykrar edildi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan öňdengörüjilikli syýasatynyň esasy ugry raýatlaryň abadançylygy, asudalygy, parahat ýaşamagy hem-de jan-saglygy hakyndaky aladalary bolup durýar. Muňa mysal hökmünde Aşgabat şäherinde we welaýatlarda adam hukuklary boýunça maglumat merkezleriniň açylmagyny

görkezmek bolar.
Adam hukuklarynyň ulgamyny kämilleşdirmekde biziň döwletimiz dünýä ýurtlarynyň öňdebaryjy tejribesinden, halkara ölçeglerinden we halkara hukugynyň binýadyny düzýän esas goýujy kadalaryndan ugur alýar. Ýurdumyzda umumadamzat gymmatlygy hökmünde häzirki döwürde halkara derejesinde ileri tutulýan adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramakda hem-de halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini doly üpjün etmekde hormatly Prezidentimiziň milli mirasymyzy sarpalaýan, ynsanperwer, öňdengörüjilikli alyp barýan parasatly syýasaty aýdyň şöhlelenýär.

Bilbil ÝOSYÝEWA,
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli institutynyň ylmy işgäri.

## TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY ÝURT DÖWLETLERINDÄKI DIPLOMATIK WEKILHANALARYNYŇ STATUSY HAKYNDA

Şu Kanun Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň işiniň hukuk esaslaryny, wezipelerini we ýerine ýetirýän işlerini, olary döretmegiň, işini togtatmagyň we bes etmegiň esaslaryny, diplomatik wekilhanalarynyň baştutanlaryny we diplomatik personalynyň agzalaryny wezipä bellemegiň we işini bes etmegiň tertibini, şeýle hem olara we olaryň maşgala agzalaryna artykmaçlyklary hem-de immunitetleri bermegiň esaslaryny kesgitleýär.

1-nji madda

Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalary (mundan beýläk - diplomatik wekilhanalar) bolýan döwleti bilen resmi döwletara gatnaşyklary saklamak, Türkmenistanyň we onuň raýatlarynyň hukuklaryna we bähbitlerine wekilçilik etmek hem-de goramak üçin döredilýär.

2-nji madda

Diplomatik wekilhanalar Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň esasynda döredilýär. Bu barada deslapky ylalaşyk daşary ýurt döwletleri bilen Türkmenistanyň ikitaraplaýyn resminamalarynyň (şertnamalaryň, ylalaşyklaryň, teswirnamalaryň, ähtnamalaryň, beýannamalaryň, şeýle hem diplomatik notalary alyşmagyň we başgalaryň) esasynda bellenilýär.

Diplomatik wekilhana öz işini Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy esasynda togtadýar ýa-da bes edýär. Şunda Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi diplomatik ýollar arkaly bolunýan döwlete diplomatik wekilhananyň işiniň togtadylýandygy ýa-da bes edilýändigi barada degişli habary iberýär.

3-nji madda

Diplomatik wekilhanalar öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan, Türkmenistanyň kanunlaryndan we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan, şeýle hem Türkmenistanyň halkara şertnamalaryndan we halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryndan gollanýarlar.

4-nji madda

Diplomatik wekilhanalar Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň ulgamyna girýärler.

Diplomatik wekilhanalar öz işinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine hasabat berýärler.

5-nji madda

Diplomatik wekilhanalar ilçihanalara we missiýalara bölünýär.

Türkmenistanyň ilçihanalaryna Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçileri baştutanlyk edýärler.

Türkmenistanyň missiýalaryna Türkmenistanyň wekilleri, Türkmenistanyň işleri ynanylanlar, halkara guramalarynyň ýanyndaky Türkmenistanyň hemişelik wekilleri baştutanlyk edýärler.

Türkmenistanyň ilçihanalary we missiýalary daşary ýurt döwletleri bilen gatnaşyklary saklamak maksady bilen açylýar.

Türkmenistanyň missiýalary Hemişelik wekilhanalar, hemişelik ýa-da wagtlaýyn missiýalar görnüşinde halkara guramalarynyň ýanynda hem açylyp bilner.

6-njy madda

Diplomatik wekilhanalaryň personalynyň sany Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň teklibi boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär.

Zerur halatynda Türkmenistanyň diplomatik wekilhanasynyň personalynyň sany hakyndaky mesele bolýan döwleti bilen deslapdan ylalaşylýar.

7-nji madda

Diplomatik wekilhanalar aşakdaky işleri amala aşyrýarlar:

1) bolýan döwletinde Türkmenistana wekilçilik edýärler;

2) bolýan döwleti we halkara guramalary bilen Türkmenistanyň syýasy, durmuş-ykdysady, medeni-ynsanperwer we özara gyzyklanma bildirýän beýleki çygyrlarda gatnaşyklarynyň we arabaglanyşyklarynyň ösdürilmegine ýardam edýärler;

3) bolýan döwletinde halkara hukugy we bu döwlet bilen ikitaraplaýyn halkara şertnamalary, şeýle hem döwletleriň ikisiniň gatnaşyjylary bolup durýan köptaraplaýyn şertnamalary bilen bellenen çäklerde Türkmenistanyň, onuň raýatlarynyň we ýuridik şahslarynyň hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagyny üpjün edýärler;

4) bolýan döwletinde Türkmenistanyň daşary we içeri syýasaty, onuň durmuş-ykdysady, medeni we ruhy durmuşy baradaky resmi maglumatlary ýaýradýarlar;

5) bolýan döwletiniň hökümeti we beýleki guramalary hem-de edaralary bilen gepleşikleri alyp barýarlar;

6) ýokary, hökümet we parlament derejelerinde döwletara gatnaşyklaryny, şeýle hem resmi wekiliýetleriň saparlaryny taýýarlamaga we amala aşyrmaga gatnaşýarlar, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň tabşyrmagy boýunça bolýan döwletine Türkmenistanyň wekiliýetlerini ugratmagyň meselelerini ylalaşýarlar;

7) bolýan döwleti we halkara guramalary bilen Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň taslamalaryny taýýarlamaga, şeýle hem halkara şertnamalaryny baglaşmak, tassyklamak, ýerine ýetirmek,

hereketini togtatmak we ýatyrmak baradaky teklipleri taýýarlamaga gatnaşýarlar;

8) bolýan döwletiniň daşary syýasat edarasy bilen, şeýle hem bu döwletde ýerleşýän diplomatik, gaýry wekilhanalary we konsullyk edaralary bilen hemişelik aragatnaşyk saklaýarlar;

9) bolýan döwletindäki wakalar hakynda maglumatlary ähli kanuny usullar bilen alýarlar we olar barada Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň üsti bilen Türkmenistanyň Hökümetine habar berýärler;

10) bolýan döwleti bilen Türkmenistanyň gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça tekliplerini bellenilen tertipde girizýärler;

11) bolýan döwletinde ýaşaýan watandaşlar bilen aragatnaşyklary hem-de arabaglanyşyklary ýola goýmaga  we ösdürmäge ýardam edýärler;

12) Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň tabşyrmagy boýunça halkara-hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilen we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen konsullyk işlerini hem ýerine ýetirýärler;

13) Türkmenistanyň kanunçylygy hem-de halkara hukugynyň kadalary bilen olaryň ygtyýaryna degişli edilen beýleki işleri amala aşyrýarlar.

8-nji madda

Diplomatik wekilhanalaryň baştutanlary (adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçiler, wekiller, işleri ynanylanlar we halkara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekiller) olaryň bellenilýän daşary ýurt döwletiniň razylygy (agreman) bellenilen tertipde alnandan soň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär.

Diplomatik wekilhanalaryň baştutanlaryny wezipä bellemek Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň teklibi boýunça amala aşyrylýar.

Öz bellenilen döwletine gidýän Türkmenistanyň ilçilerine we wekillerine Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan gol çekilen we

Türkmenistanyň Daşary işler ministri tarapyndan kontrassiglenen ynanç haty berilýär.

Halkara guramalarynyň ýanyndaky Türkmenistanyň hemişelik wekillerine Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara guramasynyň baştutanynyň adyna ýazylan haty berilýär.

Türkmenistanyň işleri ynanylanlara Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň kabul edýän döwletiň Daşary işler ministriniň adyna ýazylan degişli haty berilýär.

Türkmenistanyň diplomatik wekilhanasynyň baştutany kabul edýän döwlete baranynda bu döwletde (halkara guramasynda) bellenen amallara laýyklykda ynanç hatyny (haty) gowşurýar.

9-njy madda

Diplomatik wekilhanalarynyň baştutanlary we diplomatik personalynyň agzalary diňe Türkmenistanyň raýatlary bolup bilerler.

Diplomatik wekilhananyň dolandyryş-tehniki we hyzmat ediji personalynyň agzalary bolýan döwletiniň raýatlary ýa-da bolýan döwletiniň çäginde ýaşaýan beýleki döwletleriň raýatlary bolup bilerler. Olary işe kabul etmek we işden boşatmak bolýan döwletiniň Daşary işler ministrligini habarly etmek bilen amala aşyrylýar.

10-njy madda

Türkmenistanyň ilçileri we wekilleri bolýan döwletindäki hereket edýän tejribä baglylykda şol döwletde öz wezipelerini ýerine ýetirmäge girişýärler, hususan-da:

1) ynanç hatyny ýa-da Türkmenistanyň Prezidentiniň hatyny gowşuran pursadyndan başlap;

2) özleriniň bellenilen döwletiniň Daşary işler ministrligine baranlygy hakyndaky habary beren we ynanç hatynyň tassyklanan nusgasyny gowşuran pursadyndan başlap.

Türkmenistanyň işleri ynanylanlar özleriniň bellenilen döwletiniň Daşary işler ministrine degişli haty gowşuran pursadyndan başlap öz wezipelerini ýerine ýetirmäge girişýärler.

11-nji madda

Diplomatik wekilhananyň baştutanynyň we beýleki agzalarynyň bellenilen döwletindäki işi şu halatlarda bes edilýär:

1) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde işden boşanda;

2) aradan çykanda;

3) bolýan döwletinde ol persona non grata diýlip yglan edilende.

12-nji madda

Diplomatik wekilhanalaryň baştutanlary:

1) Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan çykyş edýärler we hereket edýärler;

2) diplomatik wekilhanalaryň işini guraýarlar we ugrukdyrýarlar;

3) bolýan ýurdunyň döwlet häkimiýet edaralarynda Türkmenistanyň bähbitlerine degişli meseleleriň garalmagyna we çözülmegine gatnaşýarlar;

4) diplomatik wekilhanalaryň üstüne ýüklenilen wezipeleriň we işleriň ýerine ýetirilmegi üçin şahsy jogapkärçilik çekýärler, diplomatik, administratiw-tehniki we hyzmat ediji personalyň agzalarynyň jogapkärçilik derejesini belleýärler;

5) bolýan döwletinde öz işini alyp barýan Türkmenistanyň ähli wekilhanalaryna umumy syýasy ýolbaşçylygy amala aşyrýarlar.

13-nji madda

Eger bolýan döwletiniň islendigi tarapyndan garşylyk bildirilmese, diplomatik wekilhananyň baştutany şol bir wagtyň özünde daşary ýurt döwletleriniň birinde ýa-da birnäçesinde şol wezipä bellenilip bilner.

Diplomatik wekilhananyň baştutany, şonuň ýaly-da diplomatik wekilhananyň agzalary şu Kanunyň 8-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde islendik halkara guramasynda Türkmenistanyň wekilleri edilip bellenilip bilner.

14-nji madda

Diplomatik wekilhanalaryň baştutanynyň we diplomatik personalynyň agzalarynyň şulara hukugy ýokdur:

1) mugallymçylyk, ylmy we döredijilik işinden başga, beýleki hak tölenilýän iş bilen meşgullanmaga;

2) özüniň ýa-da ynanylan adamlarynyň üsti bilen telekeçilik işi bilen meşgullanmaga;

3) Türkmenistanyň Prezidentiniň razylygy bolmasa, daşary ýurt döwletleriniň, halkara we daşary ýurt guramalarynyň sylaglaryny, hormatly we ýörite atlaryny almaga.

15-nji madda

Eger bolýan döwleti bilen Türkmenistanyň ikitaraplaýyn ylalaşyklarynda başgaça bellenilmedik bolsa, diplomatik wekilhanalaryň baştutanlary we agzalary, şonuň ýaly-da olaryň maşgala agzalary, dolandyryş-tehniki we hyzmat ediji personalyň agzalary we olaryň maşgala agzalary diplomatik gatnaşyklar hakyndaky 1961-nji ýylyň Wena Konwensiýasynda hem-de bolýan döwletiniň kanunçylygynda göz öňünde tutulan artykmaçlyklardan we immunitetlerden peýdalanýarlar.

16-njy madda

Diplomatik wekilhanalar ýuridik şahsdyrlar we olaryň Türkmenistanyň Döwlet tugrasy şekillendirilen hem-de Türkmenistanyň döwlet dilinde we iňlis dilinde öz atlary ýazylan möhri bardyr.

17-nji madda

Diplomatik wekilhananyň edara binasynda we Türkmenistanyň diplomatik wekilhanasynyň baştutanynyň rezidensiýasynda

Türkmenistanyň Döwlet baýdagy galdyrylýar, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň Döwlet tugrasy şekillendirilen we Türkmenistanyň döwlet dilinde hem-de bolýan ýurdunyň dilinde ýazylan ýazgy goýulýar.

Türkmenistanyň döwlet nyşanlary bolýan döwletiniň protokol tejribesini göz öňünde tutmak bilen ulanylýar.

18-nji madda

Diplomatik wekilhanalaryň emlägi Türkmenistanyň eýeçiligidir.

19-njy madda

Şu Kanun onuň resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda kabul edilen "Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 1996 ý., N"1-2, 5-nji madda) güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly Berdimuhamedow

# 14-nji hepde üçin tekstler

## ÇENDIR TOPRAGYNYŇ SYRLY ŞEKILLERI

Balkan welaýaty türkmeniň hazyna baý künjekleriniň biri. Olar bir demiňde sanap soňuna çykardan köpdür. Hydyr gören toprakda aýagyňy basan ýeriň hazyna, gözüňi aýlan künjegiň gudrat bolup dur. Ol gözbaşyny gadymyýetiň çuňluklaryndan alyp gaýdýan özboluşly milli medeniýeti, şemalganat aty, älemgoşar öwüşginli halysy, tebigy şypahanalar - Mollagara melhemi, goýny şypaly Hazar deňzi, keremli-dünýäli daglary bilen meşhurlyk gazanan

ülkedir.
Biziñ nobatdaky söhbedimiz ruhy atamyz Magtymgulynyñ şahyrana setirlerinde waspy ýetirilen keremli daglar hakda däl-de, onuñ jülgelerindw gabat gelýän daşlardaky gudratly şekiller dogrusynda bolar. "Gudraty görjek bolsañ, daglara bar, daglara" diýleniniñ çyndygyna sözüm ýok. Daglaram, onuñ jülgelerem - syrly umman. Muny dag dünýäsine belet adamlaryñ dilinden her ädimde eşitse bolýar. Olaryñ ählisiniñ añyrsynda dagyñ täsin tebigaty bilen baglanyşykly durmuş hakykaty ýatyr.

Garrygala myhman barsañ,
Gujagyny geren daglar.
Soñudagy, Çendir, Hasar,
Müñ hasraty gören daglar.

Näme üçindigini bilemok, her gezek Garrygala topragyna gadam basanymda, şahyr Kerim Gurbannepesowyñ her bir türkmeniñ diliniñ senasyna öwrülen goşgusy ýadyma düşýär. Görüp otursam, Garrygala barsañ, goýny jenneti küýsetmeýän jülgelerden, ynsan eli bilen döredilen erem bagyndan, haýwanat we guşlar dünýäsinden başga gyzyklanmaga, öwrenmäge mynasyp zatlar zat däl eken. Meniñ Çendir topragyna öñem telim sapar ýolum düşüpdi. Onuñ täsin tebigaty bilen tanyşmagyñ özboluşly lezzeti bardy. Sanlyja gezek düşläp geçeniñ bilen dag dünýäsi bilen baglanyşykly ähli zada belet bolup bolýarmy diýsene! Bu gezek meni Çendiriñ Bezegli we Gargylyk derelerine alyp gelen zat henize bu güne çenli saklanyp galan, daşyñ ýüzüne çekilen täsin şekillerdi. Gargylykdaky tekiz daşyñ ýüzüne çekilen näçe ömri başdan geçirendigi barada kesgitli bir zat aýtmak añsat däl. Symgylt goñur reñkdäki suratyñ möçberi on-on bäş santimetrden uly däl. Bir topar atlylary ýada salýan surat ilkidurmuş zamanynyñ şekillerini göz öñünde janlandyrman duranokdy. Biziñ şahsy pikirimiz taryhçy alymlaryñ kesgitli subutnamasyna garaşýar.
Biz Bezegli deresinde gadymyýetden gür berýän şekilleriñ uly toplumyna gabat geldik. Daşyñ ýüzüne çekilen suratlar barmak basyp sanardan köpdi. Olaryñ irki döwürleriñ üns bererlikli medeni ýadygärlikleridigine bolsa söz ýokdy. Olaryñ köpüsinde dag tekesiniñ, gulanyñ, keýigiñ, düýäniñ we goýnuñ suratlary çekilendi. Olaryñ arasynda şertli görnüşdäki adamlaryñ şekillerine-de gabat gelse bolýar. Käbir suratlar bolsa aýaklaryny uzadyp ýatan gulanlary ýada salýar. Ýüzüne surat çekilen daşlaryñ wagtyñ geçmegi bilen owranyp, ýitip gidenleriniñ hem bardygyny ýeri gelende, belläp

geçmegimiz gerek. Munuñ tersine, ýeliñ-ýagmyryñ az düşýän ýerlerindäki suratlaryñ özboluşlylygynu saklanlary-da bar. Meşhur dilçi alym Aleksandr Petrowiç Poseluýewskiý türkmen diliniñ ýerli gepleşiklerini öwrenmäge saldamly goşant goşanlaryñ biri. Onuñ Bezeglidäki suratlar bilen tanyşlygy baryp, 1931-nji ýyldan başlanýar. Alym bu gymmatly tapyndylar barada bize şeýle mazmunly miras galdyrypdyr:

"Çendir jülgesindäki bu suratlar türkmen topragynda iñ ilkinji tapylan, daşa çekilen gadymy žiwopis bolany üçin, bularyñ ylmy ähmiýeti diýseñ uludyr. Bu ýadygärligiñ giñişleýin öwrenilmäge mynasyplygy gürrüñsizdir. Onsoñam, şu wagta çenli bize näbelli täze suratlaryñ tapylaýmagy ähtimal... Ilki bilen Çendiriñ suratlaryny öwrenijileriñ öñünde olaryñ döreýşini we haýsy döwre degişlidiklerini añryujy mümkin boldugyndan anyklamak durýar".

Aslynda türkmençilik diýen añlatmanyñ türkmeni türkmen edendigine biz şu döwürde aýdyñ göz ýetirdik. Türkmen aga bu gün aslyna, halky halk edýän taryhyna, medeniýetine, milli däp-dessuryna gowuşdy. Şeýle ajaýyp döwürde gadymy medeni mirasymyzy iş edinip öwrenjek alymlaryñ tapyljakdygyna ynamymyz uly.

Amanmämmet DURDYÝEW.

## GADYMY DEHISTANA SYÝAHAT

Häzirki wagtda Türkmenistan özüniň baý taryhy, milli mirasy, ylmy ähmiýetli arheologiýa ýadygärlikleri, dünýäde seýrek duş gelýän dinozawrlaryň aýak yzlary, «Garagum ýalkymy», şeýle hem, başga-da birnäçe täsin ýerleri bilen syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. Türkmen topragy däp-dessurlaryň, myhmansöýerligiň, milli medeniýetiň hem mekanydyr.

«Açyk gapylar» syýasatynyň netijesinde, ýurdumyza gelýän jahankeşdeleriň sany hem ýylsaýyn artýar.

Şol syýahatçylaryň örän uly gyzyklanma bilen syýahat edýän ýerleriniň biri hem, Gadymy Dehistandyr.

Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistan — Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly ajaýyp eseriniň birinji kitabynda «Dehistan» ýa-da «Dahystan» sözüniň gelip çykyşyny alymlaryň türkmenleriň iň iri kowumlary bolan dahlaryň ady bilen baglanyşdyrandyklaryny belleýär. Beýik Ýüpek ýolunyň Köneürgenji Wizantiýa hem-de arap ýurtlary bilen birleşdirýän ugurlarynyň çatrygynda ýerleşen Dehistan,

orta asyrlaryň iň gülläp ösen şäherleriniň biridir. Dehistanyň üstünden ençeme ýüzýyllyklaryň dowamynda kerwenleriň geçendigi sebäpli ol ýerde kerwensaraýlaryň köp gurlandygy asla geň ýagdaý däldir.
Syýahatçylyk barada söz açylanda, tomus günleriniň birinde Dehistana bolan syýahatymyz ýadyma düşýär. Türkmenistanyň günorta-günbatarynda ýerleşýän Maşat-Misseriana — Dehistana syýahat etmek, ol ýerlerdäki mukaddes ýerlere zyýarat etmek — gyzykly we sogap iş. Biz hem, şeýle işi bitirmegi maksat edinip, Serdar şäheriniň içinden geçip, Magtymguly etrabyna sowulman, ýüzümizi günorta-günbatara tarap tutup, «Niredesiň, Maşat-Misserian?!» diýip, aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän düz takyrlygyň üsti bilen ýola düşdük. Dogrusy, düz takyrlygyň üstündäki birnäçe ýol-ýodalaryň yzlary bizi birbada aljyratdy. Biz: «Bu ýollaryň haýsy bizi Dehistana elterkä?!» diýip, biri-birimize sowal berýärdik. Şol gidip barşymyza, öňümizden motosiklde gelýän ýolagçy gabat geldi. Biz ýolagçydan Dehistanyň salgysyny soranymyzda, ol: «Bu ýol-ýodalaryň ählisi hem takyryň ahyrynda jemlenip, sizi Dehistana elter, ýöne öýlän sagat üç töweregi bu takyryň üstünde tozanly ýel turýandyr. Siz hiç hili aljyraman, ulagyňyzy saklap, az-kem garaşsaňyz, gowy bolar. Ol ýel bary-ýogy ýarym sagadyň içinde sowlar» diýdi. Bu sözler bilesigelijiligimizi has-da artdyrdy. Ýolagçynyň aýdyşy ýaly hem boldy. Biz Gün ýaşmanka Dehistana baryp ýetdik.
Biziň şol gezekki syýahatymyz Fransiýadan bu taryhy ýerleri öz gözleri bilen görmäge gelen jahankeşdeleriň saparyna gabat geldi. Üsti açyk muzeýiň hünärmeni bolsa, özüniň meýilnamasy boýunça ýol-ýodadan howlukman ýöräp, hemmämize bu gadymy şäheriň taryhy barada gyzykly we täsin maglumatlary ussatlyk bilen gürrüň berýärdi. Her bir sözünden heňňamlaryň heňi gelip duran ol maglumatlar göýä diýersiň, biziň taryha teşne kalbymyzy geçmişiň şol şöhratly günlerine sary alyp gidýärdi...
Dehistanyň arhitektura gurluşy has-da haýran galdyrdy. Hünärmen bu ýerlerden XII-XIII asyryň başlarynda adamlaryň we haýwanlaryň şekilleri hem-de goşgy ýazgylary bilen bezelen gap-gaçlaryň birnäçesiniň tapylandygyny we şol tapyndylaryň häzirki wagtda muzeýlerde saklanýandygyny aýtdy.
Dehistanyň oturymly ýerleriniň biri hem, Misserian şäheridir. Bu şäher, ýerleşiş meýilnamasy boýunça bäşgyraňly görnüşli, iki gat goranyş diwarly we çuň garym bilen gurşalypdyr. Şäheriň ymaratlarynyň bişen kerpiçden gurulmagy bu ýeriň ilatynyň gurply ýaşandygynyň subutnamasydyr. Alymlar Misserianyň çäginde we onuň töwereginde köp sanly ýaşaýyş jaýlarynyň, metjitleriň,

köprüleriň, kerwensaraýlaryň, bazarlaryň, önümçilik peçleriniň ýerleşen ýerlerini anyklap, olarda arheologiki ylmy barlaglary hem geçiripdirler.

Gadymy Dehistan ýadygärlikler toplumynyň täsin ýerleriniň ýene biri-de, Misserian şäherinden demirgazykda 7 kilometr uzaklykda ýerleşýän Maşat gonamçylygyndaky Maşat ata metjididir. Bu metjidiň täsinligi, onuň dörtgyraňly gümmeziň aýlaw düýbüniň aşagyndaky sekiz gyraňa geçişiniň ýelken şekilli örümler bilen amala aşyrylandygydyr. Bu usul, saklanyp galan binagärlik ýadygärlikleriniň gurluş usullarynyň içinde iň irki görnüşdir. 2009-njy ýylda Maşat ata metjidinde abatlaýyş işleri hem geçirilipdir. Alymlaryň umumy pikirlerine görä, Maşat ata metjidiniň binagärçilik gurluşy, içiniň bezegleri şekillendiriş sungatynyň naýbaşy eseridir. Hünärmeniň bize beren şeýle täsirli maglumatlaryndan soň, onuň üstüne sowal yzyna sowal ýagdyrylyp başlanyldy. Fransiýadan gelen jahankeşdeleriň birini ýollara düşelen kerpiçler gyzyklandyrsa, beýlekisini kerpiçleriň arasyndaky laý-palçyklar, ýene birini bolsa diwarlaryň ýüzündäki nagyşlaryň boýagy hakynda aýdyp bolaýjak täsin deliller gyzyklandyrýardy. Wagtymyzyň çäkli bolandygyna garamazdan, biziň hemmämiz Gadymy Dehistan barada örän gyzykly maglumatlary aldyk. Gadymy Dehistanyň biziň günlerimize çenli saklanyp galan binalaryna seredip durşuňa, «Şu diwarlar — «ýagşyny-ýamany, urşy-söýgini, açlygy-doklugy» başyndan geçiren gojaman şäheriň şaýatlary» diýen pikir öz-özünden seriňe gelýär. Bu täsinlikler diňe biziň günlerimizde däl, eýsem, Magtymguly atamyzyň döwründe hem örän özüneçekiji bolupdyr. Oňa akyldaryň «Bady-sabany görsem» diýen şygryndaky: «Dehistanyň baýrynda, //Bady-sabany görsem» diýen setirleri-de şaýatlyk edýär. Akyldar şahyr bu goşgusynda şol gözellikleri synlap, jahany gezmek arzuwundadygyny beýan edýär. Jahany gezmek, syýahatçylygy ösdürmek biziň bagtyýarlyk döwrümizde hormatly Prezidentimiziň üstünlikli alyp barýan syýasatynyň biridir.

Şol syýahatymyzyň, tomus aýlarynyň birinde bolandygyna garamazdan, gijäniň ýarynda birden bulut gelip, ýagşyň ýagmagy, hamana türkmen tebigaty özüniň özboluşly täsinligini bu ýere gelen syýahatçylara görkezýän dek örän täsirli boldy. Biz syýahatymyzyň dowamynda Maşat-Misserian düzlüginde günortanlyk nahar edinmek üçin düşlänimizde, suwdan ganmak maksady bilen sowuk suw içip oturan syýahatçylaryň birine gök çaý hödür etdik. Şonda ol syýahatçy: «Nädip, bu yssyda gyzgyn çaý içip bolar?!» diýip, ör-gökden geldi. Netijede, birki käse çaý içenden soň bolsa, gök çaýyň «keramatyny» duýdy. Biz syýahatçylara gök çaýyň adam durmuşynda tutýan orny barada berilýän gyzykly maglumatlaryň we

gürrüňleriň eziz Arkadagymyzyň «Çaý — melhem hem ylham» atly kitabynyň özeninden eriş-argaç bolup geçýändigini buýsanç bilen aýtdyk.
Hemmämiziň bilşimiz ýaly, Türkmenistan 2018-nji ýylda iň gowy syýahatçylyk ugurlarynyň biri hökmünde atlandyryldy. Bu baha, «Italiýanyň döwlet teleradiogepleşikleri korporasiýasynyň «Rai 3» teleýaýlymy tarapyndan geçirilen ses bermeleriň netijesiniň jemleri boýunça kesgitlenilip, Türkmenistan «Taryh» ugry boýunça birinji orna mynasyp boldy. Diýmek, biziň asuda, durnukly ösýän we ýyl-ýyldan rowaçlyklara besleńýän Türkmenistan Diýarymyz özüniň baý taryhy, orta asyrlarda gülläp ösen şäherleri bilen bu günki gün dünýä jahankeşdeleriniň ünsüni barha özüne çekýär.

Tirkişmyrat DURDYÝEW,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy.

## ÝOL KYSSASY

Mundan birnäçe ýyl ozal, tomus günleri deňizýaka Esengula — aýakly jaýlaryň obasyna bir tanşymyň «ak goýun» toýuna gitmeli boldum.
Nebitdagdan awtobusa mündüm. Ýol uzak. Howa petiş. Gowy ýeri gapdalyma ýaşy segsene ser uran bir garryja adam düşdi. Ol hem meniň ýaly awçylykdan habarly kişi eken. «Uzak ýoly gürrüň ýeňer» diýipdirler. Aw söhbedini edip, ýolboýy hümürdeşip barýas. Ýolagçylaryň kimsi suw içýär, kimsi çal, kimsi çaý, garazhaý, diliňi gatadyp barýan teşneligi bir zat edip ýeňmeli-dä. Ýaňky ýaşuly welin, wagtal-wagtal jübüsinden ýaglyga dolangy tokgalaç gara zady çykarýar-da, bir-iki gezek ýalaýar. «Suwsadym» ýa-da «Ýadadym» diýmän, arkaýyn gidip barýar. Men içimden «Ýaşuly tirýeki öýdýän. Ýaňky ýalaýany garaneşe bolsa gerek» diýip, çen urup barýan. Ol meniň pikirimi aňan ýaly:
— Bu maňa kakam pahyrdan miras galdy. Ol ýüzden geçip dünýäsini täzeledi. Bütin ömrüne-de, nirä gitse, şuny ýanyndan goýmazdy. Menem kakamyň şol endigine eýerýärin –diýip, gürrüň berip başlady.

Menem öz ýanymdan «Bular ata-baba öňden gelýän tirýeki eken-ow» diýip, häsini ýetirip otyryn. Ol bolsa ýaňky ýalaýan zadyny bir tokga gyzyl ýaly ezizläp:

— Bu öň ullakan ekeni. Ýalanmakdan ýaňa kiçelipdir –diýýär.

Men ahyrsoňy saklanyp bilmän:
— Bä, ýaşuly, «Tejen kakyny» beýle magtadyň-ow! –diýdim. Ol allaniçigsi boldy:
— Haý, nätdiň-äý, inim! Bu — mumyýa ahyryn! Bir ýeriň agyrasa ýa-da ýadaw bolsaň, bir-iki gezek ýalasaň ýeterlik. Başga derman gerek däl. Ömür lukmana ýüz tutup, «Epdek» dermanyny içip gören däldirin –diýdi.
Ýalňyşanyma düşünip:
—Bu-ýa, edinäýmeli zat ekeni! –diýdim.

Hemra ŞIROW.